TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTAN ÖZÜNIŇ DÖWREBAP ULAG-ARAGATNAŞYK ULGAMYNYŇ ÖSDÜRILMEGI HEM-DE SEBIT WE HALKARA ULAG-ÜSTAŞYR GEÇELGELERINIŇ DÖREDILMEGI ÜÇIN ZERUR IŞLERI DURMUŞA GEÇIRDI, ŞOL ÇÄRELER HALKARA BILELEŞIGIŇ TAGALLALARYNY BIRLEŞDIRMÄGE MÜMKINÇILIK BERÝÄR.


# ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
2-nji aprel, 2021. Belgisi 14/1424




# SEBIT HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRILÝÄR

**31-nji martda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasynyň ilkinji Prezidenti – Ýelbasy, Türki dilli döwletleriň hyzmatdaşlyk geňeşiniň hormatly başlygy Nursultan Nazarbaýewiň çakylygy boýunça Türki dilli döwletleriň hyzmatdaşlyk geňeşiniň sanly ulgam arkaly geçirilen (Türki geňeş) resmi däl maslahatyna hormatly myhman hökmünde gatnaşdy.**

Bu halkara guramanyň 2009-njy ýylyň oktýabrynda döredilendigini bellemek gerek. Häzirki wagtda Azerbaýjan Respublikasy, Gazagystan Respublikasy, Gyrgyz Respublikasy, Özbegistan Respublikasy we Türkiýe Respublikasy Türki geňeşiň agzalary bolup durýar.

Türkmenistan oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik hem-de netijeli halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat ugruny yzygiderli durmuşa geçirmek bilen, dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk hem-de ikitaraplaýyn, şonuň ýaly-da, köpugurly görnüşde özara bähbitli hyzmatdaşlygy üstünlikli ösdürýär.

Maslahata Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gazagystan Respublikasynyň ilkinji Prezidenti – Ýelbasy, Türki dilli döwletleriň hyzmatdaşlyk geňeşiniň hormatly başlygy Nursultan Nazarbaýew, Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orban, Türki geňeşiň Baş sekretary Bagdad Amreýew gatnaşdylar.

Forumyň gün tertibine umumy abadançylygyň hem-de durnukly ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän köpugurly döwletara hyzmatdaşlygy giňeltmegiň we pugtalandyrmagyň meseleleri girizildi.

Hormatly Prezidentimiz maslahatda eden çykyşynda Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň döwletara derejede, sebit hem-de halkara çäklerde netijeli özara gatnaşyklara ygrarlydygyny ýene bir gezek tassyklady.

Milli Liderimiz türki dilli ýurtlaryň Baştutanlaryna ýüzlenip, Türkmenistan bilen hoşniýetli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek ugrunda edýän tagallalary we halkara giňişlikde, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde biziň ýurdumyza berýän goldawy, şeýle hem Türkmenistanyň oýlanyşykly içeri syýasata esaslanýan parahatçylykly daşary syýasat ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegine yzygiderli berýän ýardamy üçin, olara tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi. Bu ýagdaý biziň milli häsiýetlerimize mahsus bolup, dost-doganlyk, özara goldaw we raýdaşlyk ýörelgelerine esaslanýar diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, şu günki ýokary derejeli duşuşyk biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklaryň has belent sepgitlere çykarylmagynda uly ähmiýete eýe bolup durýar. Onuň gün tertibine türki dilli döwletleriň sazlaşykly hereketleriniň we toplumlaýyn işleriniň ugurlaryny kesgitlemäge gönükdirilen iri mowzuklar girizildi. Hususan-da, maslahatyň dowamynda häzirki döwrüň we uzak möhletli geljegiň derwaýys soraglary ara alnyp maslahatlaşylýar. Şol bir wagtda, birnäçe möhüm guramaçylyk meselelerine hem seredilýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz duşuşygyň netijesinde kabul ediljek çözgütleriň ähli taraplar üçin hem bähbitli boljakdygyna ynam bildirdi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan halkara syýasatyň gün tertibine girýän derwaýys meseleler boýunça möhüm başlangyçlary öňe sürdi. Bu başlangyçlar, hususan-da, ählumumy howpsuzlygyň gazanylmagy, energiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmegi, ulag pudagynyň ösdürilmegi, daşky gurşawyň goralmagy, söwda-ykdysady gatnaşyklaryň güýçlendirilmegi ýaly meseleleri we beýleki ugurlary öz içine alýar diýip, milli Liderimiz sözüni dowam etdi. Biziň döwletimiz dünýä derejesindäki bu teklipleri iş ýüzünde amala aşyrmaga örän çynlakaý çemeleşýär.

Hormatly Prezidentimiz bular barada aýdyp, ýokary derejedäki duşuşyga gatnaşyjylaryň ünsüni halkara ähmiýetli käbir meselelere çekdi.

Döwlet Baştutanymyz ählumumy energiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň döwrümiziň gaýragoýulmasyz işleriniň biri bolup durýandygyny aýdyp, Türkmenistanyň dünýäniň energiýa serişdelerinden deňhukukly we adalatly peýdalanmagyň zerurdygy baradaky düşünjeden ugur almak bilen, bu serişdeleriň dünýä bazarlaryna iberilmeginde degişli taraplaryň ählisiniň bähbitlerini göz öňünde tutýan ygtybarly we durnukly ulgamyň döredilmegi ugrunda çykyş edýändigini belledi.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan halkara guramalaryň çäklerinde, esasan hem, Birleşen Milletler Guramasynyň derejesinde bütindünýä energiýa howpsuzlygy boýunça gepleşikleriň ýola goýulmagyny teklip etdi. Bu ugurda işlenip düzülen degişli Kararnamalar Guramanyň Baş Assambleýasy tarapyndan giň goldaw tapdy. Türkmen tarapy ählumumy energiýa howpsuzlyk ulgamynyň döredilmegine gyzyklanma bildirýän ýurtlary bu işe işjeň gatnaşmaga çagyrýar.

Milli Liderimiz Türkmenistanyň bu ugurdaky tagallalaryny mundan beýläk-de dowam etdirmegi meýilleşdirýändigini, şol sebäpli ýurdumyzyň nebitgaz serişdeleriniň we elektrik energiýasynyň dünýä bazarlaryna çykarylmagy ugrunda netijeli halkara hyzmatdaşlygy alyp barjakdygyny nygtap, munuň ähli ýurtlar, şol sanda türki dilli döwletler üçin hem örän peýdaly boljakdygyna ynam bildirdi. ■ 2

## Saýlawlaryň netijeleri jemlenildi

**31-nji martda Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň mejlisi geçirildi. Onda möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäräniň – Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň agzalarynyň birinji saýlawlarynyň netijeleri jemlenildi.**

Mejlise Merkezi saýlaw toparynyň agzalary, onuň ýanynda döredilen iş toparlarynyň wekilleri, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň jogapkär işgärleri we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiziň 29-njy martda sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde beren tabşyrygyny ýerine ýetirmek bilen, Merkezi saýlaw toparynyň başlygy saýlawlary taýýarlamaga gatnaşan adamlaryň ählisine milli Liderimiziň adyndan hoşallyk sözlerini ýetirdi we olara işinde uly üstünlikleri arzuw etdi. Mälim bolşy ýaly, saýlawlar saýlaw kanunçylygyna laýyklykda, göni däl saýlaw hukugy esasynda geçirildi.

Degişli şahsyýetnamalar gowşurylan Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň saýlanylan agzalary geljek bäş ýylyň dowamynda döwletimiziň durmuşynyň ähli ulgamlarynyň mundan beýläk-de ösdürilmeginde uly ähmiýete eýe bolan milli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine öz mynasyp goşantlaryny goşarlar.

Mejlisde saýlawlara syn etmek boýunça alnyp barlan işleriň netijeleri hakynda Demokratik partiýanyň, Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň, Agrar partiýanyň, Kärdeşler arkalaşyklarynyň, Zenanlar birleşiginiň, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň milli synçylar boýunça wekilleriniň habarlary diňlenildi. Şeýle hem raýat toparlary, dalaşgärler tarapyndan bellenilen milli synçylaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde saýlawlaryň barşyna syn etmegi bilen bagly geçirilen işler barada habar berildi.

Mejlise gatnaşyjylar milli parlamentiň hil taýdan täze iki palataly düzüminiň döredilmeginiň Garaşsyz Türkmenistanyň syýasy ösüşiniň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak, döwlet häkimiýet edaralarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin amatly şertleri döretjekdigine ynam bildirdiler.

## Baýram han Türkmen watansöýüjiligiň nusgasy



**31-nji martda paýtagtymyzda sanly ulgam arkaly «Muhammet Baýram han Türkmen we türkmen halkynyň mertlik, watansöýüjilik, adamkärçilik ýörelgeleri» atly Halkara maslahat geçirildi. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen geçirilen maslahat ýurdumyzyň Daşary işler ministrligi, Bilim ministrligi hem-de Ylymlar akademiýasy tarapyndan guraldy.**

Halkara maslahata dünýäniň 20-ä golaý ýurdundan iri medeni merkezleriň we ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary, taryhçy-gündogarşynaslar, sungaty öwrenijiler, dilçiler we edebiýatçylar, syýasatşynaslar we diplomatlar gatnaşdylar.

Söwda-senagat edarasynyň binasynda geçirilen umumy mejlisde Owganystandan, Hindistandan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Hytaýdan, Pakistandan, Russiýa Federasiýasyndan, Täjigistandan bolan diplomatlar we alymlar çykyş etdiler.

Baýram han Türkmen özüniň edermenligi, wepadarlygy, Watana bolan söýgüsi bilen diňe türkmen taryhynda däl, eýsem, dünýä taryhynda yz galdyran beýik şahsyýetleriň biridir. Özüniň adyny hanlaryň hany diýip ýazdyrmagy başaran Baýram han Mogollar şadöwletiniň ösüş taryhynda uly orun eýeleýär. Baýram han Mogollor döwletini dolandyran üç nesle: Babyr şa serkerde hökmünde, onuň ogly Humaýuna baş emir hökmünde, agtygy Ekbere bolsa iň ynamdar maslahatçysy hem-de atalygy hökmünde hyzmat edipdir.

Baýram han ýaşlykdan söweşmegiň tärlerini özleşdirip, gylyç, ýaý, naýza, palta ýaly dürli görnüşli söweş ýaraglaryny ussatlyk bilen ulanmagy başarypdyr. Taryhy maglumatlara salgylansak Mogollar şadöwletiniň düýbüni tutujy Zahyreddin Muhammet Babyr şa Baýram hanyň kakasy, Gazna şäheriniň häkimi Seýf Aly beg bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyr. Kakasy söweşde wepat bolandan soň Babyr şa Baýram hany öz ýanyna alýar hem-de onuň bilen deň-duşrak bolan ogly şazada Humaýun bilen bilelikde terbiýe berýär. ■ 2

## TÜRKMENISTAN – bagtly çagalaryň ýurdy

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda geljegimiz bolan çagalar çuňňur alada bilen gurşalýar. Çagalar baglarynyň täze binalaryny ulanyşa bermek indi ýurdumyzda däbe öwrülip barýar. Şäherlerimizde çagalaryň oýnap, wagtlaryny hoş geçirmekleri üçin niýetlenilen meýdançalaryň sany yzygiderli artýar. Çagalar baglaryndaky terbiýeçilik işleri edepli-ekramly, ylymly-bilimli, medeniýetli nesilleri ýetişdirmäge gönükdirilendir. Bu ýerde çagalar jemgyýetde bilelikde we agzybirlikde ýaşamagyň ilkinji endiklerine eýe bolýarlar, Watanyňy, il-günüňi söýmegi öwrenýärler.

Çagalar barada edilýän aladada ata-babalarymyzyň asyrlarboýy bu ugurda toplan tejribesiniň hem uly ähmiýeti bar. Biziň ýurdumyzda çagalaryň beden we ruhy taýdan ösüp ýetişmekleri, olaryň başarnyklarynyň we zehinleriniň açylmagy üçin ähli şertler döredildi. Häzirki zaman pedagogik maksatnamalar, bilim özgertmeleri şu wezipäniň çözülmegine, okatmaga, saglygy goramaga, sporty we işjeň dynç alşy ösdürmäge gönükdirilendir. ■ 3

## AŞGABADYŇ taryhy binalary

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda täze keşbe eýe bolan paýtagtymyz bu gün geleni haýrana goýýar. Ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, ylym-bilim we medeni merkezi hasaplanýan Aşgabat Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň düýpgöter özgerip, sebitiň uly syýasy, ykdysady merkezleriniň birine öwrüldi. Köpetdagy etekläp oturan şäherimiz ýurdumyzyň dürli sebitlerini birleşdirýän ulag ýollarynyň çatrygydyr. Dünýäde iň ösen uly şäherler bilen deň hatarda orun alýan Aşgabadyň döredilenine şu ýyl 140 ýyl dolýar. Türkmen halky şeýle ajaýyp wakany toýlamaga uludan taýýarlyk görýär. Giň köçeleri, täsin binalary, bagy-bossana bürenen seýilgähleri bilen haýrana goýýan ak şäherimiz Aşgabadyň taryhyna göz aýlasak, bir ujy baryp gadymyýete daýanýan geçmiş ýoluna gözüň düşýär.

Esaslandyrylanyna 140 ýyl bolan Aşgabat ilkibaşda kiçeňräk gala berkitmesi eken. Geçen 140 ýylyň dowamynda şäher, gör, nähili özgerdi. Köne Aşgabat obasynyň ornunda ajaýyp, döwrebap häzirki zaman şäheri kemala geldi. Taryhy maglumatlara ýüzlensek, 1885-nji ýylda Aşgabada demir ýol gelýär. ■ 3

## STRATEGIK HYZMATDAŞLYK barha pugtalandyrylýar

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň gadymdan gelýän hoşniýetlilik, parahatçylyksöýüjilik, ynsanperwerlik häsiýetleri we däpleri döwletimiziň dost-doganlyk ýörelgesiniň esasy bolup durýar. Ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasynda gazanýan üstünlikleri, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde we umumadamzat ösüşlerine bagly meseleleriň oňyn çözgütlerini tapmakda ýurdumyzyň alyp barýan parahatçylyk ýörelgesi dünýä bileleşigi tarapyndan giňden goldanylýar.

Häzirki wagtda ata Watanymyz Türkmenistan dünýäniň syýasy, hukuk, ykdysady we medeni giňişligine üstünlikli goşulyşýar. Garaşsyz döwletimiz daşary ýurtlaryň 150-ä golaýy bilen diplomatik gatnaşyklary hem-de dünýäniň 100-den gowrak ýurdy bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy alyp barýar. Türkmenistan 50-ä golaý halkara guramalaryň agzasy bolup, 150-den gowrak halkara Konwensiýalara, şertnamalara we köptaraplaýyn resminamalara gatnaşýar. Munuň özi türkmen diplomatiýasynyň netijeli durmuşa geçirilýändiginiň, ýurdumyzyň halkara gatnaşyklarynyň geriminiň hasda giňeýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. ■ 3

## AGAÇLAR ŞÄHERLERI arassa we salkyn edýär

Dünýä ilatynyň yzygiderli köpelmegi bilen, Ýer ýüzündäki adamlaryň köpüsiniň durmuşynyň belli bir döwründe gür ilatly şäherde ýaşamagy ähtimal. Şoňa görä, alymlar sagdyn bolmak üçin şäherlerimizi bagy-bossanlyga büremelidigimizi öňe sürýärler. ■ 4

## Yssy howany halaýan TÄSIN AGAÇ

Yssy howany halaýan şahasyz palma agaçlarynyň («Palmea» maşgalasy) 4 müňe golaý görnüşi bar. Onuň çür depesinde ýelpewaja meňzeş ýapraklary bolup, olaryň miweli we miwesiz görnüşleri bolýar. Palma beýleki agaçlardan şahasyz we uzyn bolmagy bilen tapawutlanýar. ■ 5

## Figuralaýyn typmak boýunça DÜNÝÄ ÇEMPIONATY

Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda figuralaýyn typmak boýunça 111-nji Dünýä çempionaty geçirildi. Çempionat dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar sebäpli geçen ýyl geçirilmändi. Çempionatda 4 ugur boýunça geçirilen ýaryşlarda russiýaly türgenler öňe saýlandy. ■ 7

**Baýram han Türkmen özüniň edermenligi, wepadarlygy, Watana bolan söýgüsi bilen diňe türkmen taryhynda däl, eýsem, dünýä taryhynda yz galdyran beýik şahsyýetleriň biridir.**

# SEBIT HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz ulag we aragatnaşyk pudagynyň häzirki döwürde möhüm ähmiýetli ykdysady ugurlaryň hatarynda durýandygyny belläp, türki dilli ýurtlaryň bu ugurlarda ýokary netije berýän bilelikdäki işleri amala aşyrmak üçin örän uly mümkinçiliklere eýedigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Türkmenistan özüniň döwrebap ulag-aragatnaşyk ulgamynyň ösdürilmegi hem-de sebit we halkara ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegi üçin zerur işleri durmuşa geçirdi, şol çäreler halkara bileleşigiň tagallalaryny birleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Mundan ozal Türkmenistanyň başlangyjy we şu duşuşyga gatnaşýan ýurtlaryň goldamagy bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy ulaglaryň ähli görnüşlerini ösdürmek barada üç sany Kararnama kabul etdi. Asylly maksatlara gönükdirilen bu halkara resminamalary iş ýüzünde amala aşyrmak maksady bilen, häzirki wagtda ählumumy ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek boýunça örän köp işler durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiz doganlyk türki dilli döwletleriň mundan beýläk-de halkara ulag üpjünçilik ulgamlaryny ösdürmegi maksat edinýän bilelikdäki hereketlere işjeň gatnaşjakdyklaryna ynam bildirdi.

Türkmenistanyň halkara işleriniň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem ekologiýany we daşky gurşawy goramakdyr. Bu häzirki döwürde jemgyýetiň we durmuşyň derwaýys soraglarynyň biri bolup durýar. Merkezi Aziýa sebiti barada aýdylanda, ilkinji nobatda, Aral deňziniň çylşyrymly ýagdaýy ünsi çekýär.

Hormatly Prezidentimiz bu baradaky gürrüňi dowam etdirip, bu ekologik wehim Aralýaka sebitde we beýleki döwletlerde ýaşaýan halklaryň durmuşyna we saglyk ýagdaýyna gönüden-göni täsir edýär diýip belledi. Şu sebäpli hem, agzalan heläkçiligi we onuň oňaýsyz täsirlerini aradan aýyrmak gaýragoýulmasyz häsiýete eýedir.

Türkmenistan ekologiýanyň we daşky gurşawyň goralmagy babatdaky tagallalaryny ählumumy derejede işjeň görnüşde alyp barýar. Biziň ýurdumyz «Birleşen Milletler Guramasy bilen Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda» Baş Assambleýanyň Kararnamasynyň awtory bolup çykyş etdi, şeýle hem Aral deňzi sebitiniň ýurtlary üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Ýörite maksatnamasyny işläp düzmek baradaky başlangyjy öňe sürdi. Häzirki wagtda Türkmenistan bu ugurda dünýä bileleşigi, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasy bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy alyp barýar.

Milli Liderimiz bu zerur işleriň biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da ösdürmäge we giňeltmäge ýardam berjekdigini aýdyp, ähli taraplary agzalan resminamalaryň iş ýüzünde amala aşyrylmagyna işjeň gatnaşmaga çagyrdy.

Şonuň ýaly-da, döwlet Baştutanymyz maslahata gatnaşyjy ýurtlaryň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynda medeniýete, ylma we bilime uly ornuň degişlidigini nygtap, umumy medeni-ruhy mirasyň we gymmatlyklaryň döwletlerimiziň arasyndaky gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagy we giňeldilmegi üçin berk esas bolup hyzmat edýändigini nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiz Türki halklaryň medeniýeti we sungaty boýunça halkara guramasy bolan TÜRKSOÝ-yň çäklerinde amala aşyrylýan bilelikdäki maksatnamalaryň we taslamalaryň giňeldilmegini maksadalaýyk hasaplaýandygyny aýdyp, meşhur şahyrlarymyzyň we ýazyjylarymyzyň, tanymal medeniýet we sungat işgärlerimiziň eserleriniň dünýä derejesinde tanyşdyrylmagy we ýaýradylmagy üçin degişli işleriň geçirilmegini teklip etdi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda 2024-nji ýylda meşhur türkmen nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyny bellemek boýunça taýýarlyk işlerine başlandy. Bu ugurda halkara hyzmatdaşlyga, hususan-da, türki dilli ýurtlar bilen bilelikdäki işleriň durmuşa geçirilmegine uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiz ýurtlarymyzyň medeniýet ulgamynda alyp barýan hyzmatdaşlygyny has-da işjeňleşdirmegiň zerurdygyna ynam bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz çykyşyny dowam edip, özüniň daşary ýurtly kärdeşleriniň ünsüni ýene-de bir derwaýys meselä çekdi. Mälim bolşy ýaly, häzirki wagtda bütin dünýä örän çynlakaý synagy başdan geçirýär. Indi bir ýyldan gowrak wagt bäri täze görnüşli koronawirus pandemiýasy ähli ýurtlara uly howp bolup abanýar. Bu howply ýagdaýy ýeňip geçmek üçin dünýä jemgyýetçiliginiň bilelikde uly tagalla etmegi zerur bolup durýar. Türkmenistan ilkinjileriň hatarynda COVID-19 howpunyň öz çäklerine aralaşmagynyň öňüni almak boýunça toplumlaýyn çäreleri geçirdi.

Şol bir wagtda, biziň ýurdumyz bu ýokanjyň ýaýramagyna garşy göreşmek boýunça bilelikdäki we özara ylalaşykly çözgütleriň taýýarlanylmagyna gönükdirilen halkara başlangyçlaryny öňe sürdi. Şeýle hem bu ugurda sebit derejesinde anyk çäreleriň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşdy. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistan häzirki döwrüň wehimlerine we howplaryna garşy göreşde ähli ýurtlaryň jebisleşip, öz tagallalaryny we güýçlerini birleşdirmekleriniň tarapdary bolup çykyş edýär. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, biziň döwletlerimiz bu ugurda bilelikde işlemek boýunça belli bir derejede tejribe topladylar.

Hormatly Prezidentimiz geljekde ýurtlarymyzyň saglygy goraýyş ulgamlarynyň we ylmy-barlag edaralarynyň koronawirus pandemiýasyna garşy göreşde egin-egne berip, dünýä jemgyýetçiligi bilen birlikde iş alyp barmaklarynyň örän dogry boljakdygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz sözüni jemlemek bilen, bu günki ýokary derejeli duşuşygyň we onuň dowamynda seredilen soraglaryň ýurtlarymyzyň we halklarymyzyň arasyndaky deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň hem-de dost-doganlyk gatnaşyklarynyň has-da ösdürilmegine ýardam berjekdigine berk ynam bildirdi. Maslahata gatnaşýan döwlet Baştutanlary öz çykyşlarynda ählumumy howpsuzlygy we durnuklylygy, hyzmatdaş ýurtlaryň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmek bilen baglylykda, sammitiň ähmiýetini bellediler.

Sammite gatnaşyjylar türki dilli döwletleriň Merkezi Aziýada çäk taýdan amatly ýerleşen, özüni ygtybarly hem-de jogapkär hyzmatdaş hökmünde görkezen Türkmenistan bilen köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanma bildirýändigini beýan etdiler. Bu hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döredijilikli daşary syýasat strategiýasynyň netijesi hem-de tutuş adamzadyň bähbitlerine netijeli başlangyçlary öňe sürýän Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň dünýä derejesindäki belent abraýynyň nyşanydyr.

## 250 GEKTAR tokaý zolagyny döretdi

69 ýaşly indoneziýaly Alasan Sadiman tokaýlaryň ýok bolup gitmeginiň öňüni almak maksady bilen täze tokaý zolaklaryny döretmek ugrunda tagalla edýär. Ol Indoneziýanyň Ýawa adasynda 250 gektara 11 müň düýp agaç ekdi. Ol munuň üçin 24 ýylyny sarp etdi.



Ýurduň metbugat gulluklary indoneziýaly raýatyň alyp barýan bu goşandyna uly baha berdiler. Sadiman ilki bilen özüniň ýaşaýan obasynyň golaýynda agaç nahallaryny oturdyp başlapdyr. Obasynyň golaýyndaky tokaýlaryň ýok edilmegi bilen suw ýetmezçiligi ýaly kynçylyklaryň dörändigi üçin şeýle başlangyjy ýola goýupdyr. Sadiman yzly-yzyna agaç ekip, tokaý zolaklaryny döretmek işini irginsiz dowam etdiripdir. Oba adamlary onuň irginsizligini görüp, oňa ýardam beripdirler. Ýawa adasynyň gurak daglyk sebiti agaçlaryň köpelmegi bilen gür tokaýlyga öwrüldi.

– Bu ýerdäki adamlar howpsuz we bagtly ýaşap bilerler. Tokaýy gaýta-gaýta ýakmagyň, ýerine täze agaç nahallaryny oturdyň – diýip, Alasan Sadiman belläp geçýär.

**Leýla ÝAKUBOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## ÝAŞAÝYŞ TOPLUMY 3D printeri arkaly gurlar

ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynda 3D printeri arkaly tutuş ýaşaýyş jaý toplumy gurlar. Bu ýerde ýarym ýylda 15 ýaşaýyş jaýy gurlup, olar ähli mümkinçilikleri özünde jemlär, howuzlary we synlaýyş meýdançalary bolar. Ýakyn wagtda Günorta Kaliforniýanyň Koaçella jülgesiniň çöllük ýerinde ekologiýa taýdan arassa, 3D printeri arkaly ýaşaýyş toplumy peýda bolar.

15 bina toplumy abraýly Ranço-Miraž sebitinde 2 gektar meýdanda gurlar. Gurluşyk bilen meşgullanýan «Palari Group» kompaniýasy bu taslamasynyň ABŞ-da energiýa sarp edilişinde ilkinji tygşytlaýjy tapgyr boljakdygyny mälim etdi.



3D arkaly çap etmek gurluşyk işini ep-esli çaltlaşdyrar we gurluşyk çykdajylaryny azaltmaga kömek eder. «Palari Group»-yň esaslandyryjysy we baş direktory Basil Star jaýlaryň ähli amatlyklary özünde jemlejekdigini belledi.

Ähli energiýa zerurlyklary Gün panelleri bilen üpjün ediler, printerde çap edip bolmaýan mebel we beýleki içerki önümleriň ekologiýa taýdan arassa materiallardan ýasaljakdygy habar berildi. Şeýle jaýyň ortaça bahasy 595 müň dollar bolar. «Palari Group» toplumyň gurluşygyna 2021-nji ýylyň sentýabr aýynda başlamagy we taslamany 2022-nji ýylyň ýazyna çenli tamamlamagy meýilleşdirýär.

**Gurbanseýit GURBANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Daşoguzly ekerançylar gowaça ekişine başladylar

31-nji martda hormatly Prezidentimiziň tassyklan tertipnamasyna laýyklykda, Daşoguz welaýatynyň ekerançylary gowaça ekişine girişdiler. Bu ýerde howa şertlerine görä, gowaça ekişi ýurdumyzyň beýleki sebitlerinden biraz giç başlanýar. Ýurdumyzyň beýleki welaýatlarynda gowaça ekişine 24-nji martda badalga berlipdi.

Asylly däbe görä, hormatly ýaşulular gowaça ekişine ak pata berdiler. Olar Watanymyzyň, halkymyzyň gülläp ösmegini, milli Liderimiziň başynyň dik bolmagyny Beýik Biribardan diläp, gowaçanyň ilkinji dänelerini topraga atdylar, soňra mehanizatorlara gezek berdiler.

Şu ýyl demirgazyk welaýatda gowaça ekiljek ýerler 155 müň gektara deň bolup, şol ýerlerden «ak altynyň» 275 müň tonnasyny ýygnamak göz öňünde tutulýar. Welaýatyň ekerançylary pagtanyň «Daşoguz-120», «Daşoguz-114», «Gubadag-3», «S-4727», «Jeýhun», «149 F» ýaly orta süýümli sortlaryny ekýärler.



Ekiş döwründe ýokary öndürijilikli bejergi traktorlarynyň 2 müň 20-den gowragy, şeýle hem ekijileriň 452-si we pagta kultiwatorlarynyň zerur bolan möçberleri işlediler. Welaýatda 132 sany topar döredilip, olar göçme ussahanalar, kebşirleýji enjamlar hem-de ýangyç daşaýan awtoulaglar bilen üpjün edildi. Umuman, bularyň hemmesi geljekki hasylyň ygtybarly esasyny tutýan ýer işleriniň bökdençsiz depginini üpjün etmäge mümkinçilik berer.

## Baýram han Türkmen watansöýüjiliginiň nusgasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

On alty ýaşyny dolduran Baýram han Babyr şanyň goşunyna goşulyp, soňra bolsa özüni sowatlylygy, başarjaňlygy bilen tanadyp döwlet işlerine gatnaşyp başlaýar.

1530-njy ýylda Babyr şa aradan çykandan soň Mogollar döwleti tagt üstündäki dawalar sebäpli dargap başlaýar. Şol ýylyň ahyrlarynda dartgynly ýagdaýlar dowam edýän ýurduň tagtyna geçen Humaýun özüniň egindeşi, ýakyn dosty Baýram hany baş emir wezipesine belleýär. Şondan soň şadöwletde gazanylan ähli üstünlikleriň arkasynda Humaýunyň maslahatçysy bolup Baýram han durýar.

Humaýun şa aradan çykandan soň, 1556-njy ýylda döwletiň täze dolandyryjysy Ekber şanyň arkasynda «atalygy» ýa-da «Han babasy» hökmünde Baýram han durýar. Ol özüniň wepadarlygy, sowatlylygy, ugurtapyjylygy bilen şadöwletiň pajarlap ösmegine, çäkleriniň giňemegine özüniň goşandyny goşupdyr.

Baýram hanyň ömrüniň soňuna çenli Mogollar döwletine wepaly hyzmat etmegi onuň Watanyna



bolan söýgüsiniň nyşanydyr. Onuň: «Siz bilip goýuň, türki kowumlarda öz iýen duzuna kast edýän adamyň bolmaýandygy bütin äleme mälimdir!» diýen sözleri türkmen halkynyň elmydama dogduk depesine bolan söýgüsiniň çäksizdigini, Watanyna hiç haçan dönüklik etmejekdigini tassyklaýar.

**Nowgül GURBANGELDIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallym-öwrenijisi.*

## Gök çaýyň saglyga täsiri

ABŞ-ly alymlaryň geçiren barlagy gök çaýyň düzümindäki bir maddanyň wirusyň öýjüklere ýapyşmagynyň öňüni alyp biljekdigini ýüze çykardy. Barlag geçirijiler «epigallocatechin gallate (EGCG)» atly bu maddanyň koronawirus ýokanjynyň öňüni almakda täsirli bolup biljekdigine ünsi çekýärler. Şeýle bolansoň, gök çaýyň wirus ýokanjy bilen göreşmekde elýeterli we ynamly öňüni alyş serişdesi bolup biljekdigi aýdylýar. Bu baradaky taýýarlanan ylmy makala «BioRxiv» atly lukmançylyk žurnalynda neşir edildi.



Ylmy barlagçylar Aziýa ýurtlarynda uzak ýyllardan bäri içilýän gök çaýyň wirus sebäpli ýüze çykýan alamatlaryň täsirini azaltmaga ýardam edýändigini mälim edýärler.

**Gurbansoltan REJEPOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Tizligi 5 müň kilometre ýeter

Merkezi edarasy ABŞ-nyň Florida şäherinde ýerleşýän «Aerion» kompaniýasy sagatda 5 müň kilometr tizlik bilen hereket etjek ýolagçy uçaryny işläp taýýarlaýar. 50 orunlyk «AS3TM» atly uçaryň önümçiligi 2027-nji ýylda ýola goýlar. Ilkinji nobatda, 300 uçar öndüriler. Ýolagçy uçary häzirki wagtda 9 sagatda geçilýän ýoly 2,5 sagatda geçer. Şeýlelikde, häzirki wagtda 9 sagat töweregi wagtda geçilýän Los Anjeles-Tokýo aralygyndaky howa gatnawy bary-ýogy 2,5 sagatda geçiler. «Aerion» kompaniýasynyň wekilleri uçaryň ýangyç sarp edilişini azaltmak üçin tehnologiýada öwrülişik derejesindäki öňegidişlikleriň durmuşa geçirilýändigini mälim etdi.



Kompaniýanyň ýolbaşçysy Tom Waýs planetanyň islendik nokadyndan beýleki bir nokadyna 3 sagatda barmagy ýola goýmagy maksat edinýändiklerini belleýär.

Şeýle hem kompaniýa häzirki wagtda kiçi göwrümli başga bir uçary hem işläp taýýarlaýar. Sagatda 1600 kilometr ýol geçjek 12 orunlyk bu uçaryň 2023-nji ýylda öndüriljekdigi mälim edildi.

**Hezretguly AMANOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby, Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň talyp hakynyň eýesi.*

## Halkara bilermenleriň ulanyşyna hödürlendi

2016-njy ýylda Hytaýyň Guýçžou welaýatynda gurlan dünýäniň iň uly teleskopynyň işe girizilendigi mälim edildi. FAST (Five-hundred-meter Aperture Spherical Telescope/Bäş ýüz metr aperturaly sferiki teleskop) halkara bilermenleriň ulanmagyna hödürlendi. Ýurduň daşary işler ministrliginiň spikeri Hua Çunýing «twitter» akkaundy arkaly dünýäniň iň uly bitewi çanakly radioteleskopy bolan FAST-dan halkara astronomlaryň peýdalanyp biljekdigini mälim etdi. Hytaýyň Milli astronomiki obserwatoriýalary (NAO) edarasy bolsa dünýäniň islendik ýerindäki astronomlaryň bu ýerdäki barlaglaryny onlaýn görnüşde amala aşyryp biljekdiklerini mälim etdi. Beýanatda teleskop üçin daşary ýurtlardan gelen ýüztutmalara garaljakdygy we netijesiniň 20-nji iýulda mälim ediljekdigi aýdyldy. Bilermenler FAST-yň halkara astronomlar üçin has uly mümkinçilikleri hödürlejekdigini belleýärler.



Bäş ýyl ozal gurlan äpet tabagy ýada salýan antenna diametri 300 metr bolan «Arecibo»-dan ozdurup, dünýäniň iň uly radioteleskopy bolupdy. Bu teleskoplar ýyldyzlary, galaktikalary we has uzakdaky asman jisimlerini anyklamak üçin peýdalanylýar.

**Aýgül ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## 2,5 milliony öndürildi




Meşhur italýan awtoulagy «Fiat 500»-den 2,5 millionynyň satylandygy mälim edildi. Şeýlelikde, modeliň 2007-nji ýyldan bäri öndürilýän gibrid nusgasynda rekord önümçilik hasaba alyndy. Ilkinji gezek 1957-nji ýylda satuwa çykarylan ulagyň dürli görnüşlerinden häzire çenli jemi 6,7 milliony satylypdyr. Ulagyň geçen ýyl çykarylan «Fiat 500» we «Panda» atly nusgalarynda benzin we elektrik energiýasy bilen işleýän gibrid tehnologiýasy ulanylyp başlanypdy. «Fiat 500» häzire çenli dürli ugurlarda 60-dan gowrak baýraga mynasyp boldy. Şäher içinde sürmäge niýetlenen kiçijik ulag 2008-nji ýylda «Ýylyň awtoulagy» (Car of The Year), 2011-nji ýylda «Altyn kompas» (Golden Compass) we «Dünýäniň iň owadan awtoulagy» (The Most Beautiful Car in the World) ýaly abraýly baýraklara mynasyp görüldi.

**Jumanazar ANNYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## Emeli aň ulgamy ÖSDÜRILÝÄR

Soňky ýyllarda emeli aň ulgamyna uly ähmiýet berýän ABŞ-nyň dünýä belli «Apple» kompaniýasy bu ugurda bäş ýylda 25 sany emeli aň başlangyçlaryny satyn almak bilen bäsdeşlerinden öňe saýlandy. Ägirt uly kompaniýalaryň emeli aň tehnologiýalaryna bolan gyzyklanmasy gaty uludyr. «GlobalData» edarasy tarapyndan geçirilen seljermelere görä, «Apple» kompaniýasy 25 emeli aň başlangyçlaryny satyn alan bolsa, ikinji orunda «Accenture» 17, «Google» 14, «Microsoft» 12 hem-de «Facebook» kompaniýasy 9 emeli aň başlangyjyny satyn aldy.



«Apple» kompaniýasy «iPhone» kysymly telefonlaryny has-da kämilleşdirmek maksady bilen emeli aň başlangyçlaryny satyn aldy.

**Merdan SEÝTIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## GÜL suwunyň peýdasy

Ýüzlerçe ýyl bäri saglyga peýdasy üçin ulanylýan gül suwunyň peýdaly taraplary barada bilermenler öz pikirlerini mälim etdiler.

Gül suwy gül ýapraklarynyň buga tutulmagy bilen ýasalýar. Bu suw kosmetologiýada we iýmit önümlerinde ulanylýan meşhur maddadyr. Geçirilen barlaglaryň netijesinde, gül suwunyň antibakterial we rahatlandyryjy häsiýetlere eýe bolup biljekdigi hem anyklandy.



Ýöne şu wagta çenli gül suwy deriniň sagdynlygy üçin peýdaly taraplary bilen meşhurlyk gazandy. Gül suwy deriniň ähli görnüşleri üçin amatly bolup, hususan-da, gury, duýgur ýa-da wagtyndan öň garraýan deri üçin ajaýyp serişdedir. Bu barada geçirilen nobatdaky ylmy barlaglarda gül ýapragynyň ekstraktynyň düzümindäki polifenollaryň we flawonoidleriň deridäki ýaralaryň iriňlemeginiň öňüni almakda hem işjeňligini görkezýändigi mälim edildi. Şeýle hem ol deriniň gyzarmagyny azaldyp biler.

Şeýle hem gül suwunyň antibakterial serişdesiniň çişen angina garşy bejergide ulanylýandygy bellenilýär. Bu suw mundan başga-da, göz ýokançlyklaryny bejermäge kömek edip bilýär. Gül suwuny (ýa-da gül ýagyny) ulanmak bilen bug bejergisi arkaly kelle agyryny hem aýyrmak bolar.

**Miwegözel MÄMETMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Elektroulag önümçiligine girişýär

Hytaýyň tehnologiýa boýunça ägirt uly kompaniýalarynyň birine öwrülen «Xiaomi» kompaniýasy elektrik awtoulaglaryny işläp düzmek işi bilen meşgullanjakdyklaryny resmi taýdan yglan etdi. Hytaýyň tehnologiýa ägirdi öňümizdäki 10 ýylyň dowamynda bu önümçilik üçin 10 milliard dollar sarp etmegi meýilleşdirýär. Bu barada kompaniýanyň esaslandyryjysy we baş müdiri Leý Szýun habar berdi.

Kompaniýanyň täze golçur kärhanasyna Leý Szýunyň özi ýolbaşçylyk eder. Ilkibaşda 10 milliard ýuan, ýagny 1,5 milliard dollarlyk maýa goýum bilen işe girişmek meýilleşdirilýär.

Bu barada Pekin şäherinde geçirilen maslahatda çykyş eden Leý Szýun bu taslama üçin 3-5 ýyl hem-de köp möçberde maýa goýum gerek boljakdygyny belledi. Ol muny özüniň durmuşyndaky soňky «startap», ýagny tehnologik başlangyç boljakdygyny mälim etdi.

Mundan ozal smartfon bazarynyň hem-de beýleki dürli tehnologiýa hem-de halk hojalygynda giňden ulanylýan enjamlaryň önümçiliginde öňdeligi eýelemegi bilen tanalýan bu



kompaniýanyň «akylly» ulag bazaryna aralaşmak baradaky meýilleri barada habarlar ýaýradylypdy.

«Xiaomi» kompaniýasynyň bu ugurda özüne hyzmatdaş gözleýändigi hem-de ilkinji awtoulagyny 2023-nji ýylda ulanmaga bermegi meýilleşdirýändigi mälim edildi.

**Merdandurdy GYLYJOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 2-si, 2021
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-106246

Belgisi: 14/1424
Tiražy: 12780
Bahasy: 2,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Häzirki wagtda ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk we azyk önümleriniň 92 göterimden gowragy ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegine degişlidir.



# Türkmenistan – bagtly çagalaryň ýurdy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýle hem milli Liderimiziň baştutanlygynda howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek babatda hem asylly işler alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň gol çeken taryhy Kararyna laýyklykda, ýurdumyzda howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredildi. Bu gazna ýurdumyzyň Mejlisiniň karary bilen hormatly Prezidentimiziň ady dakyldy. Täze döredilen gaznanyň serişdeleri şol çagalaryň saglyk, bilim hyzmatlaryndan peýdalanmaklary, mynasyp dynç almaklary we beýleki zerurlyklary üçin gönükdiriler.



Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda çagalar üçin köşkleriň, çagalar öýleriniň, mekdep-internatlarynyň täze, döwrebap binalary gurulýar. Ýurdumyzda bir sebäp bilen ata-enesinden mahrum bolan çagalaryň terbiýelenýän we hossarlyk edilýän bilim-terbiýeçilik edarasy «Döwletliler köşgi» diýlip atlandyrylýar.

Ýurdumyzda adam hakynda alada döwlet derejesinde iň wajyp gymmatlyk hökmünde garalýar. Adam hakynda alada hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan ähli özgertmeleriň esasy ugry bolmagynda galýar. Şunda geljegimiz bolan ýaş nesillerimiziň döwrebap bilim we terbiýe almagy, sagdyn endiklere eýerip, bagtly durmuşda ýaşamagy üçin ähli şertler döredilýär. Biziň Watanymyz ähli arzuwlaryň hasyl bolýan ýurduna – bagtly çagalygyň mekanyna öwrüldi. Çagalygy



goramak ýörelgeleri Esasy Kanunymyzda kanunçylyk taýdan berkidilip, kabul edilen kanunlarda, ýurdumyzyň gatnaşýan halkara Konwensiýalarynda, şeýle hem milli maksatnamalarda doly öz beýanyny tapýar.

Milli Liderimiziň başlangyjy bilen, çagalaryň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi üçin mümkinçilikleri döredýän häzirki zaman çagalar baglary, orta mekdepler, çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri gurlup, ulanmaga berilýär. Çagalaryň saglygyny goramak hem-de dikeltmek boýunça ägirt uly işler geçirilýär. Ähli welaýatlarda saglygy dikeldiş okuw-terbiýeçilik toplumlarynyň gurlup, ulanmaga berilmegi bilen olaryň döwrebap bilim almagy we jemgyýetde öz orunlaryny tapmagy üçin ähli şertler döredilýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwletimiz her bir çaga mähirli garaýyş bilen öz howandarlygyny edýär.

Döwlet Baştutanymyzyň ata-baba däplerimize eýerip, haýyr-sahawat gaznasyny döretmek baradaky başlangyjy halkymyz tarapyndan doly goldanyp, milli Liderimiziň bu ynsanperwer başlangyjynyň geljegimiz bolan ýaş nesillerimiziň hemmetaraplaýyn kadaly ösüşini üpjün etmek baradaky aladalar bilen gurşalandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

**Oguljan ÝAÝYLOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*



# STRATEGIK HYZMATDAŞLYK BARHA PUGTALANDYRYLÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistan döwletimiz halkara hyzmatdaşlygynda Russiýa Federasiýasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk saklaýar. Türkmenistanyň wekiliýetiniň Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherine şu ýylyň 30-njy martyndan 2-nji apreli aralygynda bolan iş sapary ikitaraplaýyn gatnaşyklary täze derejelere çykarmaga giň mümkinçilikleri döretdi. Häzirki wagtda ýurdumyz bilen Russiýa Federasiýasynyň sebitleriniň arasynda nebitgaz, himiýa, senagat, oba hojalyk pudaklarynda, ulag, söwda-ykdysady, ylym-bilim toplumlarynda we saglygy goraýyşda özara gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. Tatarystan Respublikasy, Astrahan we Swerdlowsk oblastlary, Sankt-Peterburg şäheri hem-de beýleki sebitler bilen işjeň hyzmatdaşlyk ýola goýuldy.

Häzirki döwürde strategik hyzmatdaşlyk esasynda ýola goýulýan türkmen-rus gatnaşyklary ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda sazlaşykly ösdürilýär. Özara bähbitlilik hem-de dost-doganlyk ýörelgelerine esaslanan türkmen-rus gatnaşyklarynyň esasynda köp ugurlarda hyzmatdaşlyk netijeli ösdürilýär. Hususan-da, ýangyç-energetika, senagat, oba hojalygy we beýleki ugurlarda gatnaşyklar netijeli häsiýete eýe bolýar we şonuň netijesinde iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygy yzygiderli ýokarlanýar. Türkmen-rus gatnaşyklary oba hojalygy ulgamynda hem giňden ösdürilýär. Türkmen oba hojalyk önümleri Russiýanyň bazaryna iberilýär. Oba hojalygynda tohumçylyk babatda hem gatnaşyklar alnyp barylýar.

Russiýanyň kompaniýalarynyň ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan, senagat pudagyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, degişli düzümi düýpli döwrebaplaşdyrmaga, ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmaga hem-de ylmy işi talap edýän önümçilikleri döretmäge gönükdirilen giň gerimli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýarlar. «Lukoýl» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti gazylyp alynýan hem-de gaýtadan işlenýän ulgamyň, dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýan gaz we nebithimiýa senagatynyň ösdürilmeginde Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga gyzyklanma bildirýär. Paýtagtymyz Aşgabatda iri taslamalaryň biri bolan sil suwlaryny sowujy akabalaryň gurluşygy Russiýa Federasiýasynyň «Wozroždeniýe» önümçilik birleşigi» paýdarlar jemgyýeti tarapyndan alnyp barylýar.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlaryň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň gün tertibine sebitara we halkara howpsuzlygyny pugtalandyrmak, syýahatçylyk, bedenterbiýe we sport, ýaşlar syýasaty ugurlarynda köptaraply hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen baglanyşykly meseleleriň toplumy girizildi.

Mundan başga-da, atçylyk sungaty ugrunda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň wekilleriniň Russiýanyň döwlet sirkiniň we Moskwanyň uly döwlet sirkiniň ýolbaşçylary bilen duşuşyklar geçirildi.

Bu duşuşyklaryň we gepleşikleriň netijeleri boýunça dürli ugurlarda hyzmatdaşlyk barada ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi. Umuman, bu sapar türkmen-rus stragetik hyzmatdaşlygyň täze sepgitlere ýetirilmegine hem-de iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň hukuk binýadynyň pugtalanmagyna ýardam eder.

**Şatlyk MUHAMMETGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.*

# AŞGABADYŇ TARYHY BINALARY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu ýoluň çekilmegi bilen şähere Ýewropadan, Russiýadan, Kawkazdan işlemäge gelýänler köpelipdir we Aşgabatda oturymlylaşypdyr. Maglumatlara görä, Aşgabatda XX asyryň başynda dürli milletleriň wekillerinden kyrk müňe golaý adam ýaşapdyr. Şäherleriň taryhynyň ilkinji ýyllarynda gerekli infrastruktura gysga wagtda döredilipdir. Işjeň söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşen şäher täjirleriň gelim-gidimli ýerine öwrülipdir. Aşgabadyň iri bazarlarynda



täjirler daşary ýurtlardan getiren harytlaryny müşderilerine mazamlaýan bolsalar, daýhanlar meýdanda ýetişdiren gök-bakja önümlerini, bulduraşyp duran aklygaraly üzümlerini, agzyňda eräp barýan eriklerini, içi köz ýaly garpyzlaryny, baldan datly gawunlaryny müşderilere hödürläpdirler. Bu ýerde Gündogara mahsus bolşy ýaly, söwdalaşmak däbi bolupdyr. Şäher senetçiligiň hem ösen ýerine öwrülipdir. Bazaryň bir çetinde köwüş ussalarydyr hatdatlar, demirçiler orun alypdyr. Bu ýerde daşary ýurtlardan getirilen harytlardan doly dükanlar hatar tutupdyr. Belli rus ýazyjysy W.Ýanyň «Aziýanyň mawy alyslyklary» diýen ýatlamasynda ýazyşy ýaly, şol döwürde Aşgabatda «London, Pariž otaglary», «Moskwa», «Peterburg» we «Puşkin» atly myhmanhanalar bolupdyr. Pereňli zenan täjirleriň süýji-köke dükanlary işläpdir.

Taryhdan şu güne çenli köp wakalary başdan geçiren Aşgabatda döredilen günlerinden başlap, uly şäherlere mahsus bolan binagärlik desgalary gurlupyr. Baý taryhy bolan iri şäherleriň seýilgählerini, giň meýdanlaryny, demir ýol menzillerini, howa menzillerini alys ýola rowana bolýanlary we şähere gelýänleri garşy alýan, ýerleri belent-



de ýerleşýän äpet sagatlar bezeýär. Sebäbi, islendik ýurtda, şäherde ýaşaýan adamlar üçin wagt örän ähmiýetli hasaplanýar. Şol sebäpli görnükli ýerde goýlan sagatda hemmäniň gözi eglenýär. Bir ýarym asyra golaý taryhy bolan Aşgabatda hem şeýle sagatlaryň birnäçesi bar. 2011-nji ýylda açylyp ulanmaga berlen «Altyn asyr» Gündogar bazarynyň merkezi meýdançasyny owadan sagat diňi bezeýär. Aşgabadyň demir ýol menziliniň binasynyň çür başyndaky sagat hem şäheriň ýaşaýjylaryna we myhmanlaryna hemişe wagty ýatladyp dur. Saýaly baglara, owadan çüwdürimlere beslenen seýilgählere-de sagatlar aýratyn bezeg berýär. Şäherde has irki döwürde gurlan sagat diňi hem bar. Kemine köçesiniň ugrunda ýerleşýän S.A.Nyýazow adyndaky nah mata kombinatynyň çägindäki uly sagat barada ýatlamak bolar. Bu sagatly desga 1929-njy ýylda gurulýar. Gurluşy taýdan berk bina edilen bu sagada Aşgabat şäherinde 1948-nji ýylda bolup geçen pajygaly waka hem zyýan ýetirmeýär. Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň golaýyndaky sagat diňi şäheriň baý binagärlik taryhynyň şaýady hökmünde häzirki wagtda hem başky keşbini saklap otyr. Sars-



majak binalaryň gurulýan ýeri bolan paýtagtymyz häzirki wagtda dostlugyň, parahatçylygyň, asudalygyň, iki we köp taraplaýyn halkara gatnaşyklarynyň mekanyna öwrüldi. Kaşaň desgalaryň düýbi tutulýan şäherimiz babatynda aýtsak, her bina barada kitap ýazmak mümkinçiligi peýda bolar. Gurulýan her bina hem taryhymyza esaslanýar, hem-de şu günümiz bilen berk baglanyşýar. Ýylsaýyn özgerýän gözel şäherimizi kämilleşdirmekde köp işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Merdan AŞYRMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Behişdi bedewlerimiz – halkymyzyň buýsanjy

Behişdi bedewlerimiziň hakyky muşdagy, at münmegiň ajaýyp ussady hem-de atçylyk sportuny wagyz edýän hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, täze taryhy döwürde ahalteke bedewi okgunly ösýän ýurdumyzyň baş nyşanyna, döwürleriň we nesilleriň dowamly arabaglanyşygynyň beýanyna öwrüldi.

Her ýylyň aprel aýynda Türkmen bedewiniň milli baýramyny giňden belleýäris. Bu gün ady rowaýata öwrülen bedewlerimiziň şan-şöhraty belende galyp, aýratyn buýsanjyň we ylham-joşgunyň beýany, türkmen halkynyň göwün ganaty, milli baýlygy hasaplanýar.

Milli Liderimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, behişdi bedewlerimiziň dünýä dolan şöhraty görlüp-eşidilmedik derejede belende galdy. Edara binasy Aşgabatda ýerleşýän Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi, tutuş ýurdumyz boýunça döwrebap atçylyk sport toplumlarynyň gurulmagy, her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen bedewiniň milli baýramynyň giňden bellenilmegi aýdylanlaryň subutnamasydyr.

Däp bolşy ýaly, şol senä bagyşlanyp, atlaryň halkara gözellik bäsleşigi, behişdi bedewleriň gaýtalanmajak tebigy gözelligini ýokary çeperçilik taýdan beýan etmek ugrunda medeniýet we sungat işgärleriniň arasynda döredijilik bäsleşikleri, şeýle hem ýöriteleşdirilen sergi-ýarmarkalar, ylmy maslahatlar, at çapyşyklary hem-de arassa ganly bedewleriň sergileri geçirilýär.

Ýeri gelende ýatlasak, hormatly Prezidentimiziň baş-



langyjy bilen «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilen şu şanly ýylda Türkmen bedewiniň milli baýramy ilkinji gezek Türkmen alabaýynyň baýramy bilen bilelikde belleniler. Munuň özi şöhratly ata-babalarymyzyň dünýä peşgeş beren gymmatlyklarynyň uly ähmiýetini görkezýär.

Ahalteke bedewlerine uly gadyr goýýan hormatly Prezidentimiz olaryň arassa ganlylygynyň saklanyp galmagy ugrunda hem uly tagalla edýär. Ine, ýakynda, 22-nji martda hem döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna bardy. Bu ýerde milli Liderimize ady rowaýata öwrülen Akhan atly bedewiň ilkinji at taýynyň dünýä inendigi barada buşluk habary ýetirildi. Ony milli Liderimiziň hut özi seýisläp ýetişdirdi. Döwlet Baştutanymyz ak mermerli paýtagtymyzyň ýetip gelýän 140 ýyllygynyň hormatyna Akhanyň we Lälegyzyň taýyna Aşgabat diýip at goýdy.

Ady belli Akhan dünýä taryhynda hem görnükli yz galdyrmagy başardy. Mälim bolşy ýaly, 2017-nji ýylda Akhanyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň alawy ýakyldy. 2018-nji ýylda bolsa Akhan çarpaýa galyp, artky aýaklarynyň üstünde ýöremekde 10 metr aralygy 4,19 sekuntda geçip, bäsleşigiň bu görnüşi boýunça dünýä rekordyny täzeledi.

Mälim bolşy ýaly, döwletimiz bu pudagyň ösdürilmegine ägirt uly serişdeleri goýberýär. Bu maýa goýumlar halkara ölçeglere laýyk gelýän häzirki zaman düzümleriniň döredilmegine, bar bolan maddy-enjamlaýyn binýadyň döwrebaplaşdyrylmagyna hem-de gaýtadan enjamlaşdyrylmagyna, ylmy barlaglaryň netijeli häsiýete eýe bolmagyna, tohumçylyk-seçgiçilik işleriniň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir. Bu işler degişli ugurda milli gazanylanlary hem-de iň gowy dünýä tejribesini ulanmak, ýokary derejeli hünärmenleri – seýisleri, çapyksuwarlary, seçgiçileri, weterinarlary we beýlekileri taýýarlamak arkaly alnyp barylýar.

Ahalteke bedewi türkmenleriň ygtybarly dosty hem-de hemrasy hasaplanýar. Ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny arşa galdyrýan milli Liderimiziň jany sag, tutýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

**Eziz ARTYKLYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# OBA HOJALYGYNDAKY ÖSÜŞLER

*Şu günler ýurdumyzyň pagtaçy kärendeçileri möhüm jogapkärli möwsümi başdan geçirýärler. Ýurdumyzda gowaça ekişi dowam edýär. Gowaça ekişiniň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi gowy gögerişi gazanmagyň, bu gymmatly ekinden bol hasyl almagyň binýady hasaplanylýar. Şonuň bilen birlikde, bu babatda ýokary hilli tohumyň ähmiýeti-de örän uludyr. Bu babatda ýurdumyzyň alymlary seçgiçilik işlerinde hem ýokary netije gazanýarlar.*

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň dabaraly bellenilýän şu ýylynda oba hojalyk pudagynda oňat görkezijileriň gazanylmagy göz öňünde tutulýar. Oba hojalygy diňe bir pagta hem-de bugdaý bilen çäklenmän, eýsem, bu ugurda ýeralma, sogan, gök, bakja ekinler, şeýle hem däneli ekinlerden şaly, mäş, künji ekilip, bu oba hojalyk önümlerinden hem gowy hasyl alynýar. Bular ýurdumyzda azyk bolçulygynyň döredilmegine önjeýli ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzy ösdürmekde, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmakda ägirt uly işler amala aşyrylýar. Oba hojalyk pudagy hem döwletimizi ösdürmegiň möhüm ugurlarynyň biridir. Bu ulgamda hususy pudagyň wekilleri hem soňky ýyllarda gowy netijeler gazanýarlar. Oba hojalyk pudagynda zähmet çekýän hususyýetçileriň sany yzygiderli artýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk we azyk önümleriniň ortaça 92 göterimden gowragy ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegine degişlidir. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça oba hojalyk we azyk önümleriniň öndürilişiniň ösüşi geçen ýyl 155,6 göterime barabar boldy. 2020-nji ýylda hususy pudakda ýeralmanyň 37 müň tonnadan gowragynyň ýygnalmagy bu babatda iň ýokary görkeziji boldy. Bakja ekinleriniň, miwe, ir-iýmiş, gök önümleriň, däneli, kösükli ekinleriň önümçiliginiň artyşy babatda-da şeýle guwandyryjy delilleri getirmek bolar.

Geçen ýyl Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň ýetişdiren 37 müň 750 tonna pomidory daşary ýurtlara eksport edildi. Bu bolsa şondan öňki ýyl bilen deňeşdireniňde, 70 göterim köpdür. Eýýäm şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda bolsa bu görkezijiniň 16 müňe baryp ýetendigi depginiň barha ýokarlanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.





Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň 2018-nji ýylyň 12-nji oktýabryndaky Kararyna laýyklykda, daýhan birleşikleriniň jemi 111 917,9 gektar ýeri 70 göterimine döwlet sargydy esasynda bugdaý we gowaça, galan 30 göterimine bolsa öz islegine görä dürli görnüşli ekinleri ekmek şerti bilen hususy taraplara berildi. Milli Liderimiziň şol ýylyň 29-njy oktýabryndaky Kararyna laýyklykda bolsa, gök-bakjaçylyk daýhan birleşikleriniň jemi 19 383,22 gektar ýeri gök-bakja we beýleki azyklyk ekinleri ekmek şerti bilen hususy taraplara berildi. Şol ýerlere miweli baglar, üzüm, ýeralma, sogan, gök, bakja ekinler, şeýle hem däneli ekinlerden şaly, mäş, künji ekilýär.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň 2020-nji ýylyň 31-nji ýanwaryndaky we 2020-nji ýylyň 9-njy oktýabryndaky Kararlaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň 268 sany agzasy Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň «John Deere» kompaniýasynyň dünýä meşhur tehnikalaryny we enjamlaryny satyn almak üçin şertnamalary baglaşdylar.

Ýokarda getirilen mysallardan görnüşi ýaly, oba hojalygyndaky ösüşler köp sanly pudaga hem özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Gowaça ekişiniň bol hasylynyň netijesinde ýygnaljak pagta dokma senagaty üçin, onuň çigidi bolsa ýag önümçilik kärhanalary üçin gymmatly çig maldyr.

Oba hojalygynda ýerden alynýan dürli önümler hem azyk bolçulygynyň subutnamasy bolup durýar. Bu ugurda hususy pudagyň wekilleriniň işjeň çekilmegi dürli önümleriň önümçiligi bilen bir hatarda köp sanly gaýtadan işleýän önümçilikleriň döremegine hem-de täze ýüzlerçe iş ornunyň peýda bolmagyna getirýär. Munuň özi ýurdumyzda halkymyzyň abadan durmuşynyň kepili bolup durýar. Şeýle işleriň sakasynda duran hormatly Prezidentimiziň il-ýurt bähbitli alyp barýan işleri rowaçlyklara beslensin!

**Öwezmämmet ORAZMÄMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy, Tehniki ylymlarynyň kandidaty.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatlaryna görä, 2030-njy ýyla çenli dünýä ilatynyň 60 göterimi şäherlerde, onuň her üçünjisi bolsa ýarym milliondan gowrak ilaty bolan şäherlerde ýaşar.

## Agaçlar şäherleri arassa we salkyn edýär

**Dünýä ilatynyň yzygiderli köpelmegi bilen, Ýer ýüzündäki adamlaryň köpüsiniň ömrüniň belli bir döwründe gür ilatly şäherde ýaşamagy ähtimal. Şoňa görä, alymlar sagdyn bolmak üçin şäherlerimizi bagy-bossanlyga büremelidigimizi öňe sürýärler.**

Gündogar Angliýa uniwersitetiniň hünärmenleri tarapyndan geçirilen barlaglarda ýaşyl zolaklaryň süýji keseliniň howpuny, ýürek-damar kesellerini, biwagt ölümi, wagtyndan öň dogulmagy, stresi we ýokary gan basyşyny azaldyp biljekdigi ýüze çykaryldy. Bu keselleriň köpüsi dünýädäki ölümiň esasy sebäbi bolup durýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatlaryna görä, 2030-njy ýyla çenli dünýä ilatynyň 60 göterimi şäherlerde, onuň her üçünjisi bolsa ýarym milliondan gowrak ilaty bolan şäherlerde ýaşar. Ilatyň gürlüginiň barha ýokarlanmagy jaý gurmak maksady bilen gök agaçlaryň ýok edilmegine sebäp bolýar. Bu ýagdaý şäher manzaryna täsirini ýetirip, oba bilen şäher durmuşynyň arasyndaky tapawudy artdyrýar.

Estetikadan başga-da şäherlerde daşky gurşawyň hapalanmagy, gurumly tüsse we gyzgynlyk derejesiniň ýokarlanmagy ýaly uly meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Alymlar agaçlaryň we ösümlikleriň bu meseleleriň çözgüdi bolup biljekdigine ynanýarlar. Ýer ýetmezçiligi meselesini çözmek maksady bilen hünärmenler ýaşyl diwarlar we üçek baglary ýaly üýtgeşik çözgütleri işläp taýýarlaýarlar. Olar oba we şäher gurşawyny biri-birinden düýpgöter tapawutlandyrmazlygy teklip edýärler.

Saglygymyzy gowulandyrmak üçin şäherlerimiz näçeräk ýaşyl bolmaly? Dokuz sany uly barlag geçirilenden soň, «Lancet Planet Health» öýüň töweregindäki gök agaçlaryň meýdanynyň birneme giňeldilmeginiň ömrüň dowamlylygyna täsir edip biljekdigini ýüze çykardy. Hünärmenler ýedi ýurtda 8,3 million adamdan maglumat ýygnadylar we gök agaçlaryň 10 göterim artdyrylmagynyň irki ölümiň ortaça dört göterim azalmagyna sebäp



bolandygyny anykladylar. Agaç oturdylan çäklerde geçirilen barlaglarda bag bilen örtülen ýerlerde ýaşaýan adamlaryň irki ölüm derejesiniň pesdigi belli bolupdyr.

Pariži has durnukly etmäge gönükdirilen beýleki taslamalar bilen bir hatarda, Fransiýanyň paýtagtynyň häkimi Anne Idalgo geçen ýyl «şäher tokaýynyň» döredilendigini habar berdi. Häkimiýetler şäheriň dört ýerinde howanyň gyzgynlyk derejesiniň ýokarlanmagyna garşy durmak üçin «salkyn adalary» döretmegi meýilleşdirýärler. Şäher häkimligi 2030-njy ýyla çenli Parižiň 50 göterim çäklerini bagy-bossanlyga büremegi meýilleşdirýär. Bu meseläni çözmek üçin häkimiýet jaýlaryň üçeklerini hem ulanmagy maksat edinýärler.

Beýik Britaniýanyň hökümeti ýurduň şäherlerinde has köp agaç ekmegi maksat edinýär. Geçen ýyl yglan edilen 10 million ýewrolyk meýilnamada Londondan Şotlandiýanyň Aberdine şäherine çenli 130 müň agaç nahalynyň oturdylmagy göz öňünde tutulýar. Öňki daşky gurşaw ministri Maýkl Gow: «Agaçlar howanyň üýtgemegine garşy göreşde möhüm rol oýnaýar» diýip belledi.

Hünärmenleriň pikiriçe, gök agaçlaryň ykdysady peýdasy hem bar. Seýilgähleriň we ýaşyl zolaklaryň her ýyl fiziki we ruhy saglyk üçin 34,2 milliard ýewro girdeji getirýändigini geçirilen barlaglaryň netijeleri görkezdi.

Beýik Britaniýanyň iň gadymy haýyr-sahawat guramasy «Fields in Trust»-yň ýerine ýetiriji müdiri Helen Griffits bu barada şeýle diýdi:

– Beýik Britaniýanyň Milli saglygy goraýyş ulgamy NHS seýilgählere ýygy-ýygydan barýandygy üçin lukmana ýüz tutmaýanlaryň hasabyna ýylda 111 million ýewro tygşytlaýar.

«Lancet Planet Health»-iň barlaglarynda agaçlaryň howany hapalaýan maddalary azaldyp biljekdigi ýüze çykaryldy. Şeýle hem agaçlaryň şäherdäki hereketlerden emele gelýän güwwüldini we gyzgynlygy ep-esli azaltmaga kömek edýändigi ýüze çykaryldy.

Bir wagtlar tokaýdaky şäher hökmünde tanalýan ABŞ-nyň Atlanta şäheri agaç ekmegiň täsirini öwrenmek üçin gowy mysaldyr. 1973-nji we 1999-njy ýyllar aralygynda söwda merkezleriniň, ýollaryň we ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy üçin 225 müň gektar meýdanyň agaçlary kesildi. Bu gür tokaý örtüginiň ýitmegi tupan wagtynda köçelerden suwuň üç esse köp akmagyna sebäp bolup, suw joşma ähtimallygyny ýokarlandyrdy. Täze howplara garşy göreşmek üçin häkimiýetler gymmat bahaly öňüni alyş çärelerini ulanmaly boldular. Bagy-bossanlyk şäheriň gyzgynlyk derejesini hem peseldýär, sebäbi saýaly agaçlar binalardaky ýokary şöhlelendiriji materiallaryň goýberýän gyzgynlygyndan goraýar. Atlantanyň mysaly agaçlaryň şäherlerde tomsuna energiýa sarp edilişini azaldýandygyny, howanyň gyzgynlyk derejesiniň töwerekdäki oba ýerleri bilen deňeşdireniňde 1-4 dereje ýokary bolmagynyň öňüni alýandygyny görkezdi. Şeýle hem agaçlar howanyň aşa sowamagyny azaltmak bilen, sebitdäki energiýa sarp edilişini peseldýär.



## 10 milliard agaç ekiler

**Saud Arabystanynyň mirasdüşer şazadasy Muhammet bin Salman Al Saud ýurtda howanyň üýtgemegine garşy göreş kampaniýasyny ýola goýdy. Bu barada «Ahbar Al Saudiya» habar portaly mälim etdi.**

**Tagtyň mirasdüşeri ýakyn wagtda ýurtda 10 milliard düýp agaç ekmek boýunça meýilnamany tassyklady. Mundan başga-da, çölleşmä garşy göreşmek üçin bütin Ýakyn Gündogarda goşmaça 40 milliard düýp agaç ekmek boýunça «Ýaşyl Ýakyn Gündogar» başlangyjynyň başyny başlady.**

**Muhammet bin Salman çäge tupanlarynyň we çölleşmäniň öňüni almak üçin Saud Arabystanynyň ýylda 13 milliard dollar sarp edýändigini aýtdy. Onuň bellemegine görä, howanyň üýtgemegine garşy göreş we Gündogaryň ýaşyllaşmagy ýurduň raýatlarynyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen strategiki maksatnamanyň bir bölegine öwrüler.**

## HARYT EKSPORTYNY ARTDYRAR

Russiýa Saharanyň günortasyndaky Afrika ýurtlaryna eksportyň geografiýasyny giňeltmegi meýilleşdirýär. Bu barada Moskwanyň maýa goýum we senagat syýasaty müdirliginiň başlygynyň orunbasary Anna Kuzmenko mälim etdi.

– Geçen ýylyň netijeleri barada aýtsak, Alžir importda öňdebaryjy ýurtlaryň birine öwrüldi. Russiýadan Alžire eksportyň paýy Afrika sebitine eksportyň 44 göterimini emele getirdi. Ikinji orunda 27 göterim paý bilen Müsür gelýär. Afrika ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin gaty uly mümkinçilikler bar. Häzirki wagtda, esasan, demirgazyk Afrika ünsi güýçlendirilip, Saharanyň günortasyndaky Afrika sebitine hem eksportymyzyň




geografiýasyny giňeltmegi maksat edinýäris – diýip, Anna Kuzmenko belledi.

Mundan öň Moskwanyň häkiminiň ykdysady syýasat, emläk we ýer gatnaşyklary boýunça orunbasary Wladimir Ýefimow 2020-nji ýylda Moskwanyň Afrika eksportynyň 2019-njy ýyl bilen deňeşdirilende 7,1 göterim ýokarlanandygyny we 2,37 milliard dollara barabar bolandygyny aýtdy.

Senagat eksporty 1,44 milliard dollara, oba hojalyk önümleriniň eksporty bolsa, 0,93 milliard dollara barabar boldy. Oba hojalyk önümleriniň eksportynda aýratyn ösüş bellenip, 2020-nji ýylda, takmynan, 70 göterime deň boldy. Rus harytlaryny import edijileriň arasynda, esasan, Afrika yklymynyň 49 ýurdy aýratyn orun eýeleýär.

## 25 ýyllyk hyzmatdaşlyk şertnamasyna gol çekdiler

Tähranda Eýranyň we Hytaýyň Daşary işler ministrleri Jawad Zarif we Wan I iki ýurduň arasynda 25 ýyl möhletli giňişleýin strategiki hyzmatdaşlyk baradaky şertnama gol çekdiler.

Ylalaşyk iki ýurduň arasynda 20 sany ugurda, hususan-da, syýasat, ýerine ýetiriji häkimiýetleriň hyzmatdaşlygy, medeni, hukuk, goranmak, howpsuzlyk, şeýle hem sebit we halkara meselelerinde gatnaşyklary ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Wan Iniň pikiriçe, Hytaý bilen Eýranyň arasyndaky gatnaşyklar hemişelik we strategik häsiýete eýe bolup, häzirki ýagdaýa bagly däl.



Ondan öň Eýranyň Daşary işler ministrliginiň metbugat sekretary Said Hatibzade bu şertnamanyň mowzugynyň ilkinji gezek Hytaýyň Prezidenti Si Szinpiniň 2016-njy ýylda Tähranа eden sapary wagtynda gozgalandygyny ýatlady. Onuň sözlerine görä, bu şertnama iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ykdysady taraplaryny we Eýranyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjyna gatnaşmagyny göz öňünde tutýar.

## YKDYSADY ÖSÜŞINI MÄLIM ETDI

Şu ýyl Hytaýyň jemi içerki önüminiň ösüş depgini 6 göterimden gowrak bolar. Bu barada ýurduň sosial-ykdysady ösüş meýilnamasynda mälim edilýär. Dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlaryň netijesinde, geçen ýylyň ahyrynda Hytaýyň jemi içerki önüminiň ösüş depgini 2,3 göterime çenli peselip, bu soňky 40 ýylda iň pes görkeziji bolupdy. Ýurduň geçen ýyl jemi içerki önümi 101,598 trillion ýuana (takmynan 15,67 trillion dollar) deň boldy. Ýurtda şu ýylyň dowamynda 11 milliondan gowrak iş ýerleri dörediler. Şäherlerdäki işsizlik derejesi, takmynan 5,5 göterim bolar. Geçen ýyl hem Hytaýyň şäherlerinde we şäherçelerinde köp sanly täze iş ýerleri döredilip, bu meýilleşdirileninden ep-esli köpdür.

Şeýle hem Hytaý şu ýylyň dowamynda importyň we eksportyň durnukly ösüşini ýokarlandyrmagy maksat edinýändigini mälim etdi. Hökümetiň halkara söwdasy bilen meşgullanýan kiçi we orta kärhanalara karz goldawyny artdyrmak we karz ätiýaçlandyryşynyň mümkinçiliklerini giňeltmek isleýändigi nygtalýar.




Şeýle hem Hytaý import nyrhnamalaryny kadalaşdyrmak syýasatyny gowulandyrmak bilen ýokary hilli harytlaryň we hyzmatlaryň importyny artdyrmagy maksat edinýär. Hökümetiň hasabatynda Hytaý soňky bäş ýylda umumy bahasy 7,6 trillion ýuanlyk (1,17 trillion dollar) salgydy we ýygymy azaltdy. Bu kararyň kärhanalara salgyt ýüküni azaltmakda, innowasiýalary güýçlendirmekde, ykdysady gurluşy gowulandyrmakda, sarp edijileriň çykdajylaryny azaltmakda we iş üpjünçiligini ýokarlandyrmakda aýratyn ähmiýete eýedigi bellendi.

## Rubluň dizaýny üýtgediler

Rus rubllary ýakyn ýyllarda täze dizaýna eýe bolar. Russiýa Banky, 2021-nji ýyldan 2025-nji ýyla çenli döwürde 10, 50, 100, 500, 1000 we 5000 rubl banknotlaryny täzelär. Bu barada Merkezi bankyň internet sahypasynda habar berildi.

Rus banknotlarynyň diňe bir reňkleriniň däl, eýsem, ondaky şäherleriň, ýadygärlikleriň, binalaryň şekilleriniň hem üýtgedilmegi göz öňünde tutulýar. 200 we 2000 kagyz pullarynyň dizaýny öňküligine galar. Sankt-Peterburg we Moskwa şekillendirilen 50 we 100 rubl kagyzlarynda öňki şäherleriň suratlary galar. Şeýle-de bolsa, banknotlaryň dizaýny üýtgediler. Döwrebaplaşdyrylan banknotlaryň 2022-2025-nji ýyllarda dolanyşyga girizilmegine garaşylýar.



Rus rubllarynyň özgerdilmegine itergi berýän zat, diňe bir daşky görnüşi däl-de, eýsem, gorag ulgamyny kämilleşdirmek zerurlygyndan ugur alynýar. Rus rubllarynyň iň soňky gezek täzeleneninden bäri 10 ýyl geçdi. Russiýanyň Merkezi bankynyň habaryna görä, köne nusgadaky rubllar 2035-nji ýyla çenli dolanyşykdan galar.

## Suwasty geçelge açylar

Hytaýyň iň uzyn suwasty ýol tuneli 2021-nji ýylyň ahyryna çenli ulaglar üçin açyk bolar. Bu barada taslama jogapkär Hytaýyň aragatnaşyk we gurluşyk kompaniýasy «Third Harbor Engineering» kompaniýasynyň wekilleri habar berdiler.

Uzynlygy 10,8 kilometr we ini 43,6 metr bolan suwasty geçelge Hytaýyň gündogaryndaky Taýhu kölüniň aşagyndan gurulýar. Bu köl ýurtda süýji suwly üçünji uly köldür. Tunel Çanžou-Usi awtoulag ýolunyň dowamy bolup, umumy uzynlygy 44 kilometre deň bolar.

Suwasty tuneliň gurluşygynyň gündogar Szýansu welaýatynda 2018-nji ýylyň ýanwar aýynda başlandygy habar berilýär. Häzir bu



desgada binýat plitalarynyň gurluşygy tamamlandy. Tunelde galyndy suwlaryň we tozanyň zyňylmagyny aradan aýyrmak üçin awtomatiki işleýiş enjamlary we akylly gözegçilik ulgamlary ulanylar.

## ILKINJI KOSMOS MYHMANHANASY AÇYLAR

Dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar ilkinji kosmos myhmanhanasynyň gurluşygyny, şol sanda, başga-da birnäçe taslamalaryň durmuşa geçirilmegini togtatdy. Ispaniýanyň «El Mundo» neşiriniň habaryna görä, «Gateway Foundation» 2027-nji ýylda stratosferada myhmanhana açmagy meýilleşdirýär. Şunuň bilen birlikde geljekki myhmanhananyň ady üýtgedilip, mundan beýläk ol «Fon Braun kosmos stansiýasy» däl-de, «Woýager stansiýasy» diýlip atlandyryljakdygy bellenilýär. Halka görnüşli stansiýadaky aýry-aýry kapsulalaryň otaglaryndan Ýer togalagyny synlap boljakdygy habar berilýär.

Müşderilere Ýere golaý orbitada bir hepdeden birnäçe aýa çenli wagt geçirmek, hatda, has uzak wagtlyk esasda ýerleşmek mümkinçiligi berler. Meýdany 50 müň inedördül metre deň bolan



myhmanhananyň düzüminde 440 adam üçin ähli amatlyklary bolan otaglar, garbanyşhanalar we sport zallary bolar.

Binagär Tim Alatorreniň pikiriçe, taslamanyň maksady hemmeleriň kosmosa elýeterliligini gazanmakdan ybarat bolup, dynç alyşlary geçirip boljak täsinliklerden doly ýer döretmek. Şeýle-de bolsa, açylandan soňky ilkinji ýyllarynda myhmanhanada diňe barjamlylaryň dynç alyp biljekdigi bellenilýär. Gurluşyk bilen meşgullanýan «Orbital Assambleýa» korporasiýasynyň habaryna görä, ilki bilen stansiýanyň merkezi elementini orbita çykarmak baş maksat bolup durýar.

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde

**► Howa sammitine çagyrdy.** ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden 22-23-nji aprelde geçiriljek howa sammitine dünýäniň 40 döwletiniň Liderlerini çagyrdy. «Ýygnak onlaýn ýagdaýda geçiriler» diýlip, Ak Tamyň beýanatynda tassyklanýar. Mundan ozal Jozef Baýden žurnalistlere ýakyn wagtda geçiriljek klimat sammitine çagyrylanlaryň arasynda Russiýanyň we Hytaýyň liderleriniň bardygyny aýdypdy. Ak Tamyň beýanatynda maslahata Russiýanyň, Hytaýyň, Beýik Britaniýanyň, Hindistanyň, Türkiýäniň we Ýaponiýanyň liderleri çagyrylypdyr.



**► Kazanda duşuşarlar.** Ýewraziýa ykdysady bileleşigine agza ýurtlaryň baştutanlarynyň däp boýunça duşuşýan Ýewraziýa hökümetara geňeşiniň ýygnagy 30-njy aprelde Kazanda ýüzbe-ýüz ýagdaýda geçiriler. Bu barada Ýewraziýa ykdysady komissiýasynyň başlygynyň kömekçisi Iýa Malkina mälim etdi. Onuň pikiriçe, ýygnagyň gün tertibi 2025-nji ýyla çenli senagat hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmagy, şeýle hem organiki oba hojalyk önümleriniň erkin ýollanmagyny üpjün etmek üçin «ýol kartasyny» öz içine alýar.



**► Uly nebit ýatagy tapyldy.** Meksikanyň döwlet nebit we gaz kompaniýasy «Pemex» ýurduň Tabasko ştatynda uly nebit ýatagyny tapdy. Bu sebitde nebit gözlemek boýunça işleriň 2018-nji ýylyň ahyryndan bäri alnyp barylýandygy bellenilýär. Nebitçiler göwrümi 500-600 million barrele barabar bolan üçünji uly ýatagy tapmagy başardylar. Mundan öň Meksikanyň Prezidenti Andres Manuel Lopes Obrador ýurduň nebit pudagyna aýratyn üns berjekdigini aýtdy. Ol 2024-nji ýyla çenli Meksikada «gara altyn» önümçiliginiň günde iki million barrelden geçmejekdigini aýtdy.



**► Täze hasabatyny ýaýratdy.** «World Happiness Report»-yň täze hasabatynda Finlýandiýa dünýäniň iň abadan ýurtlarynyň sanawynda birinji orunda durýar. Bu hasabat BMG-niň Durnukly ösüş çözgütleri bölümi tarapyndan her ýyl düzülýär. Onda dünýäniň 149 ýurduna baha berlip, ömrüň dowamlylygy, sosial goldaw we beýleki ýagdaýlar göz öňünde tutulýar. Islandiýa, Daniýa, Şweýsariýa, Niderlandlar, Şwesiýa, Germaniýa, Norwegiýa, Täze Zelandiýa we Awstriýa hem iň abadan ýurtlaryň arasynda bolup, ABŞ 14-nji, Angliýa 18-nji, Fransiýa 20-nji ýerde durýar.



**► Soltan Süleýmanyň portreti satyldy.** Osman imperiýasynyň soltany Süleýmanyň portreti Beýik Britaniýanyň «Sotheby's» auksionynda 350 müň funt sterlinge satyldy. XVI-XVII asyrlara degişli surat başlangyç bahasyndan 4 esse gymmat satyldy. Ölçegi 22,7x17,5 santimetr bolan kartinada Osman imperiýasynyň 43 ýaşly hökümdary Süleýman şekillendirilýär. Bu surat fransuz maşgalasynyň şahsy ýygyndysynda saklanyp galypdyr.



**► Müsür sähralygyndan tapyldy.** Fransuz we norweg arheologlar topary Müsür sähralyklarynda biziň eýýamymyzyň V asyryna degişli gadymy kilisäni tapdylar. Bahariýa oazisinde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde 19 desganyň harabalygy tapyldy. Binalaryň käbiri bazaltdan, beýlekileri palçyk kerpiçden ýa-da gaýadan oýulyp gurlupdyr. Grek dilindäki diwar ýazgylary, gum gatlagynyň arasynda abat saklanypdyr. Arheologlar bu açyşlaryň alymlaryň irki hristiançylyk baradaky bilimlerine goşant goşup biljekdigine ynanýarlar.



**► Düýrlenen golýazmalar.** Iki müň ýyl mundan ozalky düýrlenen golýazmalaryň parçalary, şeýle-de taryhy, takmynan, 10,5 müň ýyla uzaýan şaýylyklar, ösümlikden dokalan sebetler Ysraýyl arheologlary tarapyndan Öli deňiz sebitindäki gowaklaryň birinden tapyldy. Arheologlar ýüze çykarylan grek dilindäki golýazma parçalarynyň taryhçylary biparh goýmajakdygyny aýdýarlar. Ysraýylyň gadymyýet gullugy eýýäm köp ýyllardan bäri, Iudeý çölünde we Öli deňiz sebitindäki gowaklarda arheologiýa babatda uly işleriň alnyp barylýandygyny habar berýär.



**► Uzak ýaşlylaryň sany artýar.** Marokko Patyşalygynda 100 we ondan ýokary ýaşly, takmynan, 3826 raýat bar. 2004-nji ýylda Marokkonyň umumy ilatynyň bary-ýogy 8 göterimini 60 we ondan ýokary ýaşly adamlar düzen bolsa, 2020-nji ýylda olaryň paýy 11,5 göterim boldy. Ýene-de 10 ýyldan, 2030-njy ýylda bu paý 15,4 göterime ýetip, 5,8 million adama ýetmeli. Marokkoda ömrüň dowamlylygy 76,1 ýyl.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

Ýaponiýanyň «Okayama Sanyo» orta mekdebiniň okuwçylary tarapyndan işlenip düzülen «Mirai» atly elektroulagyň beýikligi bary-ýogy 45,2 santimetre ýetýär.

# OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

# MÖWSÜME GÖRÄ MODA

**Bahar paslynda güller açylyp, Gün şöhle saçanda göwnümizi nähilidir bir şatlyk gurşap alýar. Howanyň gyzmagy we ýagynyň köp ýagmagy deri ýa-da suw geçirmeýän materiallardan tikilen penjek geýmek möwsüminiň gelendigini ýatladýar. Hünärmenler ýagyşly we salkyn howaly möwsümde geýilmeli egin-eşikleri iki topara bölýärler: ýaz möwsüminiň başynda we ahyrynda geýilýän geýimler. Ýaz aýlarynda geýilmegi maslahat berilýän egin-eşikler barada gyzyky maglumatlary size ýetirmegi makul bildik!**

● **EGIN-EŞIKLERDE REŇK SAZLAŞYGY**

Möwsüme garamazdan, hemişe egin-eşikleriň owadan sazlaşygyny döretmek üçin möwsümiň reňklerini, eşiklerini, aýakgaplaryny we aksessuar görnüşlerini bilmek we olara üns bermek hemmäni gyzyklandyrýar. Elbetde, bu ýerde diýjek bolýan zadymyz moda bolan zady satyn almak we geýmek däl. Esasy zat, möwsüme görä saýlamak we olary size laýyk görnüşde utgaşdyrmakdan ybarat. Ýazda geýiljek eşikleriň reňki ak ýa-da açyk reňkler bolmaly. Bu möwsümiň moda reňklerine göz aýlasaňyz, öçügsi reňkleriň agdyklyk edýändigini görersiňiz. Ýaz pasly henizem salkyn bolup biler, şonuň üçin goşmaça bir zat geýmek zerurlygy ýüze çykýar. Deri penjekler, ýeňil palto, ýelek, blazer, jinsler, deri jalbarlar bu möwsümiň esasy ugurlarydyr. Baharyň gelmegi bilen, indi ýyly aýakgaplar bilen hoşlaşyp, ýeňil sport köwşi, gysga, ýapyk görnüşli aýakgaplary geýmegiň wagty geldi.



Egin-eşikleriň reňk sazlaşygyna hususan-da ýaz möwsüminde has köp üns berilýändigini ýadyňyzdan çykarmaň! Kiçiräk ýan torba, äýnek, goşar sagady we başgap siziň egin-eşikleriňiziň üstüni ýetirer.

● **Ine, ýaz paslynda erkekleriň eşikleri barada ugurlar:**

✓ **Çal reňk:** bu reňk dört pasylda hem ähmiýetini ýitirmeýär. Bu möwsümde dürli görnüşli matalardan tikilen penjekler we penjek-jalbar sazlaşygy bolan çal reňkli egin-eşikleri geýmek maslahat berilýär.

✓ **Ak reňk:** tomus möwsüminiň reňki hasaplanýan hem bolsa, esasan, bahar möwsüminde-de ak reňkli köýneklere we ak reňkli jalbarlara duş gelmek bolýar. Mundan başga-da, ak reňkli başgaplary geýip, stiliňizi üýtgedip bilersiňiz.

✓ **Gök reňk:** asmanyň ýa-da deňziň reňki adamlara hem bezeg berip biler. Şol sebäpli bu möwsümde ýeňil köýnekçeler, krossowkalar we beýleki eşikleri saýlanyňyzda gök reňki hem göz öňünde tutup bilersiňiz.

✓ **Ýaşyl reňk:** soňky ýyllarda zeýtun ýaşyl reňkli egin-eşikler moda boldy. Bu reňki beýleki reňkler bilen birleşdirmek hem mümkin. Şonuň üçin moda ussatlary ýaşylyň zeýtun reňkini maslahat berip, diňe erkeklere däl, eýsem, zenanlara-da gelişýändigini aýdýarlar.

**Maýa MISEKOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Iň kiçi ulaglar

**XIX asyryň ahyrynda «atsyz araba» ady bilen peýda bolan awtoulaglar häzirki wagtda adamzat durmuşyna giňden ornaşdy. Senagatyň iň girdejili pudaklarynyň biri hasaplanýan awtoulag önümçiligi bilen meşgullanýanlaryň sany barha artýar. Awtoulag diýlende, adatça, dört tigirli, 5 orunlyk ýeňil awtoulag göz öňüne gelýär, ýöne dünýäde bu görkezijiden has kiçi awtoulaglar hem öndürilýär. Awtoulagyň şeýle görnüşleriniň az sanlysy öndürilipdir. Şu wagta çenli öndürilen iň kiçi awtoulaglardan käbirleri baradaky maglumatlary size ýetirýäris:**

■ **«Brütsch Mopetta».** Egon Brýuç 1956-njy ýylda geçirilen halkara welosiped we motosikl sergisinde görkezmek üçin kiçijik awtoulag gerekdi. 1958-nji ýylda ýumurtga şekilli, bir oturgyçly, üç tigirli awtoulagyň soňky nusgasy taýýarlandy. Onuň uzynlygy 1,70 metre, ini 0,88 metre, agramy bolsa bary-ýogy 78 kilograma barabardy. Bu ulagdan bary-ýogy 14 sanysy öndürilipdir. Häzirki wagtda «Brütsch Mopetta» awtoulagynyň 5-si abat saklanyp galypdyr.



■ **«Isetta».** Ulaglary dizaýn etmekde italýan inženerleriniň baý tejribesiniň bardygy hemmä mälimdir. Geçen asyryň ikinji ýarymynda dünýäde çig mal ýetmezçiliginiň ýüze çykmagy bilen awtoulag önümçiliginde demiriň ýerine beýleki materiallar ulanylyp başlanýar. Şol döwür has kiçi ulaglar hem ýoň bolýar. Italiýanyň «Iso Autoveicoli» kompaniýasy iň kiçi awtoulagy işläp taýýarlaýar. Bir orunlyk we bir gapyly bu awtoulag Argentinada, Ispaniýada, Belgiýada, Fransiýada, Braziliýada, Germaniýada we Birleşen Patyşalykda köpçülikleýin satuwa hödürlenýär. 1955-nji ýylda BMW kompaniýasy hem öz «Isetta»-synyň önümçiligini ýola goýýar. Bu awtoulag dünýäde köpçülikleýin önümçiligi ýola goýlan, adaty ýangyçly ulag bolýar. 100 kilometr ýol üçin 3 litr ýangyç sarp edýän bu awtoulag dünýäde iň köp satylan bir silindrli awtoulag bolýar.



■ **«Peel P50».** Merkezi edarasy Beýik Britaniýanyň Man adasynda ýerleşýän «Peel Engineering» kompaniýasy tarapyndan öndürilen bu kiçijik awtoulag 1962-nji ýyldan 1965-nji ýyla çenli aralykda öndürilýär. Şäher ulagy hökmünde dizaýn edilen kindiwanja ulag awtoulag minimalizminiň nyşany hasaplanýar. Bir gapy we bir çyrasy bolan «Peel Engineering» 2010-njy ýylda iň kiçi awtoulag hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilýär. Awtoulag kolleksionçylarynyň iň arzyly ulaglarynyň birine öwrülen ulagdan jemi 50 sanysy öndürilipdir. Häzirki wagtda 27 sanysy saklanyp galan ulag 2016-njy ýylda 176 müň dollara satyldy.



■ **«Elva MK VI».** «Elva MK VI» atly bu kiçijik awtoulagyň boýy 660 mm, uzynlygy 3581 mm we ini 1448 mm-e barabar. Ýaryş awtoulagy hökmünde döredilen awtoulagda göwrümi 1.1 litr, 4 silindrli, 8 klapanly «Conventry Climax» hereketlendirijiler oturdylypdyr. 28 bölekden ybarat şassisiniň köpüsi iňlis ýaryş awtoulagyndan alnan «Elva» Elwis Presli we Ann-Margretiň baş keşbini janlandyran «Wiwa Las Wegas» filminde-de surata düşürildi.



■ **«Autobianchi Bianchina Transformable».** «Autobianchi» tarapyndan öndürilen bu kiçijik italýan awtoulagy 1955-nji we 1995-nji ýyllar aralygynda «Fiat», «Bianchi» we «Pirelli» tarapyndan döredildi. «Fiat 500» bilen uly meňzeşligi bolan «Bianchina Transformable» «Autobianchi»-niň iň kiçi awtoulagydyr. Uzynlygy 2985 mm, ini 1349 mm we beýikligi 1320 mm bolan gaty kiçi ulag «Bianchina Transformable»-yň agramy 510 kg deňdir. Ilkibaşda kuwwaty 15 at güýjüne barabar bolan «Fiat» hereketlendirijisi oturdylan bu modelde soňra 21 at güýçli hereketlendiriji oturdyldy.



■ **«Piaggio Vespa 400».** Agramy 360 kg bolan «Piaggio Vespa 400» ulagyň uzynlygy 2855 mm, ini 1270 mm we beýikligi 1270 mm bolan dünýäde iň kiçi awtoulagdyr. Dizaýny italýan «Piaggio» kompaniýasy tarapyndan ýerine ýetirilen ulagyň önümçiligini Fransiýanyň ACMA kompaniýasy ýola goýýar. Tizligi sagatda 90 kilometre ýetýän iki orunlyk ulagyň kuwwaty 14 at güýjüne ýetýär. 1957-1961-nji ýyllar aralygynda öndürilen ulagyň hereketlendirijileri yz tarapynda ýerleşdirilipdir. Ulagyň «Luxe», «Tourisme» we «GT» atly jemi üç nusgasy bolupdyr.



■ **«Tango T600».** Rik Wudberi tarapyndan esaslandyrylan «Commuters Cars» tarapyndan öndürilen bu elektroulagy şäher ýakasynda ýaşaýanlar üçin niýetlenipdir. Sanawymyzdaky köp modeller bilen deňeşdirilende gaty agyr ulag bolan «Tango T600», agramy 1508 kg, uzynlygy 2591 mm we beýikligi 1549 mm-dir. Şeýle hem, ini 991 millimetr bolan dünýädäki iň insiz awtoulaglaryň biridir. Multfilmlerdäki awtoulaglary ýada salýan «Tango T600» modeli, bir gezekki zarýady bilen 160 kilometr ýol geçip bilýär. Ulagyň iň ýokary tizligi 110 kilometre ýetýär.



■ **«Mirai».** Ýaponiýanyň «Okayama Sanyo» orta mekdebiniň okuwçylary tarapyndan işlenip düzülen «Mirai» atly bu elektrokaryň beýikligi bary-ýogy 45,2 santimetre ýetýär. 2010-njy ýylda döredilen bir orunlyk awtoulag bir gezekki zarýady bilen 80 kilometr ýol geçýär. Sagatdaky tizligi 50 kilometre ýetýän ulagyň agramy 280 kilograma ýetýär. Awtoulagyň uzynlygy 2480 mm-e we ini 1254 mm-e ýetýär.



■ **«Corbin Sparrow».** Üç tigirli «Morgan EV3» ulagyna meňzeş bolan «Corbin Sparrow» 1999-njy ýylda «Corbin Motors» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi. Üç tigirli awtoulagyň agramy 610 kilogram bolup, uzynlygy 2438 mm-e, ini 1219 mm-e we beýikligi 1448 mm-e ýetýär. Bir gezekki zarýady bilen 64 kilometr ýol geçýän ulagyň ýokary tizligi sagatda 112 kilometre barabar.



# Kir ýuwujy enjamy NÄHILI ARASSALAMALY?

**Islendik enjamy talabalaýyk ulansaň, onuň ulanyş möhleti uzaga çekýär. Nädogry ulanylan zat wagtyndan öň bozulýar. Öý bikeleriniň işini ep-esli derejede azaldýan kir ýuwujy enjamlar hem şeýle. Egin-eşikleri reňki we öndürilen materialy göz öňünde tutulman, garyşdyryp ýuwmak kir ýuwujy enjamyňyz üçin zyýanlydyr. «Arassalaýjy serişdeler näçe köp ulanylsa, eşikler şonça-da arassa bolar» diýen pikir hem dogry däldir. Aşa köp ýuwujy serişde guýulsa, enjam ony arassalap ýetişmeýär. Şeýlelikde egin-eşiklerde arassalaýjy serişdäniň galyndylary galýar. Egin-eşikler enjama atylanda syrma, toka we beýleki metaldan ýa-da plastmassadan ýasalan zatlar hem göz öňünde tutulmaly. Eşigiň başgaby ýa-da kemeri ýaly aýryp bolýan böleklerinde gaty zatlar bar bolsa, olar aýratynlykda hem ýuwlup bilner. Sebäbi gaty metal bölekleri kir ýuwujy enjamyňyza ýa-da beýleki eşiklere zeper ýetirip biler. Hernäçe arassa görünýän hem bolsa, kir ýuwujy enjamda her gezek ulanylandan soňra, azda-kände tozan we kir galyndylary ýygnanýar. Şol sebäpli ony wagtlywagtynda arassalap durmaly. Arassa bolmadyk enjam ýakymsyz yslaryň we eşiklerde tegmilleriň döremegine sebäp bolup biler. Kir ýuwýan enjamy arassalamagyň käbir aňsat usullary:**

● **Limon kislotasy.** Bu serişdeden taýýarlanan ergin kir ýuwujy enjamy arassalamaga ýardam eder. Ilki bilen üç nahar çemçesi limon kislotasynyň (limonyň sykylan suwy hem bolar) üstüne bir bulgur ak sirke suwuny guýmaly. Enjamyňyzyň ýokary gyzgynlyk bölümini saýlap, gapagyny ýapyp işletmeli. Işini tamamlandan soň bolsa, ýene bir gezek ýarym sagatlyk işletmeli. Şondan bir-iki sagatdan soňra egin-eşikleriňizi ýuwup bilersiňiz. Bu usuly aýda bir gezek ulanmak peýdaly hasaplanylýar.



● **Gap-gaç ýuwujy gerdejik.** Gap-gaç ýuwýan enjamlara niýetlenen gaty görnüşli arassalaýjy serişde kir ýuwýan enjamlarda hem gowy netije berýär. Gaty serişdäni kir atylýan ýerine taşlaň we enjamy gyzgynlyk derejesiniň iň ýokary görkezijili bölüminde işlediň! Soňra, ýokarda belleýşimiz ýaly, ýarym sagatlyk bölümde gaýtadan işlediň! Şeýlelikde, hapa galyndylary enjamyň gapagyna syrygyp, şol ýerde toplanýar. Bu bolsa size hapa galyndylaryny aňsatlyk bilen aýyrmaga mümkinçilik berer.

# ÇAGALAR

And daglarynda ösýän «Ceroxlon alpinum» palmasynyň boýy 60 metrden geçýär.
Paragwaýda ösýän girdenek palmasynyň boýy 10-15 santimetrden geçmeýär.

## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

### SUW SEŇRIKDEN AGANSOŇ, PUŞMANDAN NE PEÝDA

● **Seňrik** – burnuň iki gaşyň arasyna baryp birleşýän üst ýüzi.

Ne peýda – «peýda ýok» diýmegi aňladýar.

Suwuň seňrikden agmagy adamyň eýýäm gark bolan halatyny aňladýar. Nakyl göçme manyda bolmasyz iş bolandan soňra, puşmandan peýdanyň ýokdugyny, her bir işi etmezden ozal pikirlenmelidigini we öz wagtynda ýerine ýetirmelidigini ündeýär.

Nakylyň asyl manysyndan mysal alalyň: belli bir ýaşa çenli ýüzmegi öwrenmän, ahyr hem seňrigiňe çenli ýetýän suwa düşensoň, «wah, wagtynda ýüzmegi öwrenmeli ekenim» diýen ýaly puşmanlykdan peýda ýok.

Çagalar, öz durmuşymyzdan hem mysal alalyň: hepdäniň dowamynda öýe berlen ýumuşlary «ertir ederin-le» diýip, äwmezlik bilen gezip, ahyrynda hem «wah, ýetişmedim, wagtynda edäýmeli ekenim» diýen ýaly ýa-da dersleri wagtynda özleşdirmän, synag döwri gelende hem «wagtynda öwrenmeli ekenim» diýen ýaly puşmanlykdan peýda ýok. Wagtynda ýerine ýetirilse islendik işiň aňsat bolýandygyny unutmaň!

Nakyl «bu günki işimizi ertä goýmazlygy», her bir zady öz wagtynda we oýlanyşykly berjaý etmegi ündeýär.

*UNUTMAŇ, SUW SEŇRIKDEN AGANSOŇ, PUŞMANDAN NE PEÝDA.*

# YSSY HOWANY HALAÝAN TÄSIN AGAÇ

Yssy howany halaýan şahasyz palma agaçlarynyň («Palmea» maşgalasy) 4 müňe golaý görnüşi bar. Onuň çür depesinde ýelpewaja meňzeş ýapraklary bolup, olaryň miweli we miwesiz görnüşleri bolýar. Palma beýleki agaçlardan şahasyz we uzyn bolmagy bilen tapawutlanýar. Agajyň gabygyndaky çykgytlar onuň düşen ýapraklarynyň düýbüdir. Agajyň ýapraklary yzygiderli düşüp, täzeleri onuň ýokarsyndan çykýar. Agaç kesilende onuň içindäki halka şekilleri onuň ýaşyny görkezýär. Palma agajynda beýle halka bolmaýar. Palmalar maşgalasyndan hurma («Phoenix dactylifcra»), kokos («Cocos nucífera»), Afrika ýag palmasy («Elaesis guineen-sis»), kopernisiýa («Copernicia»), girdenek hamerops (Chamaerops humilis) iň belli görnüşleri hasaplanýar. Palmalar seýilgählerde, köçeleriň gyralarynda, deňiz kenarynda, bezeg agajy hökmünde ekilýär. Bu agajy otag ösümligi hökmünde hem ekmek mümkin. Palma agajy örän berk bolup, onuň düzüminde köp mukdarda ýag bolýar. Şol sebäpli ol örän gowy ýanýar. Yssy we çygly howany halaýan palmalar köp suw talap edýär. Palmanyň otag şertlerinde ösdürilýänleriniň boýy kiçi bolup, olar örän haýal ösýärler. Olaryň berk we şahasyz bolmagy tropiki ýurtlarda we adalarda güýçli ýele garşy ýykylman saklanmaga kömek edýär. Onuň kökleri hem topraga örän mäkäm ýapyşýar. Tropik ýurtlarda palma agaçlary jaýlaryň gurluşygynda giňden ulanylýar.



Ykdysady taýdan iň peýdaly palma kokos hasaplanýar. Goňur reňkli gaty gabykly kokos miwesi azyk we derman senagatynda giňden ulanylýar. Kokos miwesiniň içinde içmäge ýaramly tebigy suw bolýar.

**Ýazmyrat UMAROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Palmalar barada gyzykly maglumatlar:

● Gaiti we Guam döwletleriniň baýdaklarynda palmanyň şekili ýerleşdirilendir.

● Adatça yssy ýurtlarda ösýän hem bolsa Hytaý ýelpewajy palmasy («Trachycarpus fortune») 17 derejä çenli sowuga çydaýar. Owganystanyň daglyk sebitlerinde ösýän «Nannorhops richtiana» 22 derejä çenli sowukda hem ösýär.

● Seýşel adalarynda ösýän kokosyň («Lodocia maldivica») tohumynyň agramy 22 kg-a ýetýär.

● Madagaskar raffiasy palmasynyň («Raphia farinifera») bir ýapragynyň uzynlygy 20 metre ýetýär.

● And daglarynda ösýän «Ceroxlon alpinum» palmasynyň boýy 60 metrden geçýär. Paragwaýda ösýän girdenek palmasynyň boýy 10-15 santimetrden geçmeýär.

● Bütin dünýäde iň köp ýaýran hem-de medeni taýdan ösdürilip ýetişdirilýän palmalar kokos («Cocos nucifera») we arap hurmasy (Phoenix dactylifera) hasaplanýar. Sebäbi palmanyň bu iki görnüşi gymmat bahaly bol hasyl berýär.

● Afrika ýag palmasy («Elaeis guineensis») hem azyklyk ýag almak üçin köp mukdarda ösdürilip ýetişdirilýär.

● Demirgazyk Afrikada we Ýakyn Gündogar ýurtlarynda irki döwürlerden bäri ösdürilip ýetişdirilýän hurma XIX asyrda Meksika äkidilýär. Boýy 18-24 metre ýetýän hurmanyň ýapraklary 6 metr töweregi bolýar. Onuň äpet hoşasy ýapraklaryň astynda bolýar.

● Gury hurmada şekeriň mukdary 75-85% bolýar. Hurmanyň käbir görnüşinden şeker hem alynýar. Süýri çigidini 2-3 gije-gündiz suwda goýup, şineländen soňra ekseňiz, otag ösümligi hökmünde peýdalanyp bilersiňiz.

● Köp ýurtda palma ýapraklary jaýlaryň üçegini basyrmak, torba, sebet we başgap örmek üçin peýdalanylýar. Hatda palma ýapragyndan kagyz hem öndürilýär.

# Tilki we geçi

(erteki)

Günlerde bir gün tilki guýa gaçypdyr. Guýudan çykjak bolup näçe dyrjaşsada, tilkiniň bu islegi başa barmandyr. Şol wagt hem suwsan bir geçi guýynyň başyna gelip, aşak seredipdir. Görse, guýynyň içinde bir tilki bar eken. Geçi:

– Ol ýerde näme edýäň, tilki? – diýip sorapdyr.

Tilki sowukganlylyk bilen:

– Näme edeýin, suw içýän - diýipdir.

Geçi guýuda suwuň bardygyny eşidip, örän begenipdir we tilkiden:

– Suw sowukmy? - diýip sorapdyr. Mekir tilki:

– Elbetde, buz ýaljak – diýip jogap beripdir.

Onda geçi:

– Menem içsem bolarmy? - diýip sorapdyr. Tilki:

– Hawa-la, bök aşak - diýipdir.

Geçi tilkiniň bu sözüne ynanyp, guýa böküpdir.

Sowuk suwdan hezil edip içenden soňra geçi tilkiden:

– Bu ýerden nädip çykmaly? - diýip sorapdyr.

– Itiň aňsady, sen öňki aýaklaryňy galdyryp, şu ýere bas! Men seniň arkaňa münüp ýokaryk çykaýyn. Soňra seniň çykmagyňa kömek ederin – diýip mekir tilki jogap berýär.



Geçi tilkiniň diýşi ýaly edipdir. Tilki bolsa geçiniň arkasyna münüp, bir towsanda guýudan çykyp, aýagaldygyna gaçyp başlapdyr. Tilkiniň gaçyp barýanyny aňan geçi:

– Men saňa guýudan çykmaga kömek etdim, sen meni taşlap nirä barýaň? - diýip gygyrypdyr.

Tilki yzyna öwrülip:

– Sen akylyňy ýitiripsiň, eger akylyň bolsady, guýa girmezden öň nädip çykjagyň barada pikir ederdiň – diýip, ol ýerden ökjäni göteripdir.

Bir işe baş goşmazdan ozal, onuň netijesi barada pikir etmegi unutmaň!



Sahypany taýýarlan Aýgözel AMANGELDIÝEWA.

# SUNGAT

**«Gladiator» filmindäki keşbi bilen tutuş dünýäde uly meşhurlyk gazanan oskarly aktýor Rassel Krow režissýor Taika Waitininiň surata düşürjek «Thor: Love and Thunder» filminiň artistleriniň hataryna goşuldy. Filmde Kris Hemswort, Natali Portman, Tessa Tompson, Kristian Beýl, Mett Damon, Lýuk Hemswort, Sem Neill ýaly artistler hem dürli keşpleri ýerine ýetirerler.**

## Çarwadarlar Oskara ymtylýar



Amerikanyň prodýuserler bileleşigi (The Producers Guild of America) ýylyň iň gowy filmi diýip, «Çarwadarlaryň mekany» (Nomadland) filmini saýladylar. Bu bileleşigiň iň gowy film diýip saýlan ekran eserleri 65 göterim Oskarda-da ýeňiş gazanýanýar. Bu hasabaty göz öňünde tutsak, «Çarwadarlaryň mekany» filminiň hem kino sungatynyň iň uly baýragyny almaga golaýlaýandygyny aýdyp bileris. Ýöne soňky 5 ýylda 2 gezek bu guramanyň saýlan kinosynyň Oskary gazanyp bilmändigini hem ýatladýarys. 2017-nji ýylda «La La Lend» (La La Land) filmine derek «Aýyň ýagtysy» (Moonlight), şeýle-de, geçen ýylda «1917» filmi däl-de, «Mugthorlar» (Parasite) filmi Oskaryň baş baýragyny eýeläpdi.

Şeýle-de prodýuserler iň gowy animasiýa diýip, «Pixar»-yň önümi «Ruh» (Soul) multfilmini, «Meniň sekizaýak mugallymym» (My Octopus Teacher) atly ekran eserini-de iň gowy dokumental film diýip saýladylar. «Täç» (The Crown) iň gowy drama, «Şitts Krik» (Schitt's Creek) iň gowy komediýa, «Şa zenanynyň göçümi» (The Queen's Gambit) iň gowy gysga göwrümli serial hem-de «Hamilton» iň gowy telefilm baýraklaryna laýyk görüldi.

● Amerikanyň ssenariçiler bileleşigi (Writers Guild of America) ýylyň tapawutlananlaryny saýlady. Şoňa görä, iň gowy asyl ssenariý diýlip «Umyt bildirilýän ýaş zenan» (Promising Young Woman) filminiň ssenarisi saýlandy. Filmiň ssenarisini şol bir wagtyň özünde kinonyň režissýory hem bolan ýaş zenan Emerald Fennel ýazdy. Iň gowy adaptirlenen ssenariý baýragy-da «Borat 2» (Borat Subsequent Moviefilm) filminiň ssenariçiler toparyna berildi. «Umyt bildirilýän ýaş zenan» filminiň Aaron Sorkiniň «Çikagoly 7-leriň kazyýet işi» filminden öňe saýlanmagy, «Borat 2» filminiň-de «Çarwadarlaryň mekany» filminden tapawutlanmagy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.






## 8-nji gezek birinji orunda

● Kanadaly dünýä belli aýdymçy Jastin Biber täze çykaran «Justice» atly albomy bilen «Billboard»-yň sanawynda birinji orny eýeledi. 27 ýaşly aýdymçy 8-nji gezek «Billboard 200»-iň sanawynda birinji basgançaga çykdy. Biber «Billboard 200»-iň sanawynda 8 gezek birinji orny eýelän iň ýaş aýdymçy hökmünde taryha girdi. Şeýle-de, «Jastice» Biberiň 10-njy albomy bolup, aýdymçynyň ähli albomy-da Billboard-yň sanawynda ilkinji onluga girmegi başardy. Biberiň täze albomynyň 154 müň nusgasy ilkinji hepdesinde satyn alyndy.



## Wan Goguň eseri satyldy

● Halkara Sotheyby's muzeý öýünde meşhur suratkeş Winsent wan Goguň suraty satyldy. Fransiýanyň paýtagty Parižde geçirilen auksionda niderland suratkeşiniň «Montmartrdaky köçeden bir pursat» atly kartinasy 13 million 91 müň ýewro baha satyn alyndy. Wan Goguň bu suraty Parižde ýaşan ýyllarynda çeken 200-den gowrak eseriniň biri bolup, onuň auksiondan öň 5-8 million ýewro satylmagyna garaşylýardy. Soňky gezek Wan Goguň başga bir eseri – «Meýdandaky daýhan» atly kartinasy 2017-nji ýylda Nýu Ýorkda geçirilen auksionda 81 million dollara satylypdy.

## Redaktoryň keşbinde surata düşer

Hollywood-yň ukrainaly aktrisasy Mila Kunis «Netflix»-iň täze filmleriniň birinde surata düşer. «Luckiest Girl Alive» atly bu film amerikaly ýazyjy zenan Jessika Knolluň adybir romany esasynda ekranlaşdyrylar. Roman 2015-nji ýylda çapdan çykyp, ýylyň iň köp okalan eserleriniň biri bolupdy. «Gara guw» (Black Swan), «Ýaramaz ejeler» (Bad Moms), «Beýik we gaýduwsyz Oz» (Oz the Great and Powerful), «Sara Marşally unutmak» (Forgetting Sarah Marshall) ýaly kinolarda surata düşen Kunis filmde baş keşbi – Ani FaNelli atly žurnallaryň birinde redaktoryň wezipesinde işleýän zenanyň keşbini janlandyrar. Filmiň ssenarisini romanyň awtorynyň özi ýazar. Ekran eserine «Fargo», «Broadchurch», «The Handmaid's Tale» ýaly seriallaryň käbir bölümlerini surata düşüren Maýk Barker režissýorlyk eder. Filmiň geljek ýylda ekranlara çykmagyna garaşylýar.



## Oskarly aktrisalaryň täze serialy

Oskarly aktrisalar Natali Portman bilen Lupita Nýong'o «Apple TV+»-yň «Lady in the Lake» atly täze serialynda surata düşerler. Alma Hareliň režissýorlyk etjek serialynda Portman Maddi Şwarts atly žurnalistiň keşbinde, Nýong'o bolsa Kleo Şerwud atly ynsanperwer hereketlere işjeň gatnaşýan zenanyň keşbinde çykyş eder. Portmanyň karýerasyndaky surata düşjek ilkinji serialy bolan bu ekran eserindäki wakalar 1960-njy ýyllarda Baltimorda bolup geçýär. Serialyň ssenarisini Dre Raýan ýazar.



## IKI USSAT BIR FILMDE

Soňky gezek «Mank» filmine režissýorlyk eden Dewid Finçeriň täze kinosynda belli aktýor Maýkl Fassbender surata düşer. «Mank» filmi bilen 6 ýyldan soň kino sungatyna dolanan režissýor täze filmini fransuz komiksleri, has takygy, Aleksis Nolentiň «The Killer» atly çyzgyly romany esasynda ekranlaşdyrar. «Netflix»-iň garamagynda surata düşüriljek filmiň ssenarisini Andrýuw Kewin Wolker ýazar. Ol ussat režissýor Dewid Finçeriň 25 ýyl ozal surata düşüren meşhur «Se7en» filminiň ssenarisini hem ýazypdy.



Filmiň surata düşüriliş işleriniň başlanjak hem-de onuň ekranlara çykaryljak wagty häzirlikçe belli däl.

## Täze film

### «Zek Snaýderiň adalat topary» (Zack Snyder's Justice League)

**Režissýory:** Zek Snaýder
**Prodýuserleri:** Çarlz Rowen, Deborah Snaýder
**Ssenariçi:** Kris Terrio (DC Comics-iň komiksleri esasynda)
**Keşplerde:** Ben Afflek, Henri Kawill, Emi Adams, Gal Gadot, Reý Fişer, Jeýson Momoa, Ezra Miller, Willem Dafo, Jesse Eisenberg, Jeremi Aýrons, Diane Leýn, Konni Nielsen, J. K. Simmons
**Kompozitory:** Tom Holkenborg
**Öndüriji:** «Warner Bros. Pictures», «DC Films», «Atlas Entertainment», «The Stone Quarry»
**Paýlaýjy:** «HBO Max»
**Görnüşi:** «superhero», ylmy-fantastik, uruşly
**Dowamlylygy:** 242 minut
**Ýurdy:** ABŞ
**Dili:** iňlisçe
**Býujeti:** 70 million $.




● «DC Comics»-iň täze filmi – «Zek Snaýderiň adalat topary» (Zack Snyder's Justice League) kinosy kinoteatrlarda däl-de, «Warner Bros.» kompaniýasynyň streaming ýaýlymy «HBO Max»-da görkezilip başlandy. 70 million dollar çykdajy edilen filme Zek Snaýder režissýorlyk edip, kinonyň dowamlygy 4 sagatdan gowrak wagta deňdir. Filmde Ben Afflek, Henri Kawill, Emi Adams, Gal Gadot, Reý Fişer, Jeýson Momoa, Ezra Miller, Willem Dafo, Jesse Aýzenberg, Jeremi Aýrons, Daýana Leýn, J.K. Simmons ýaly belli artistler surata düşdi. Filmde Betmeniň geljege bolan umydynyň hatyrasyna gahrymanlar jemlenip, gaýduwsyz duşmanyň garşysyna göreş alyp barýarlar. Gahrymanlaryň hataryna bu gezek Wonder Woman hem goşulýar.

## Oskaryň iň uzyn atly dalaşgäri

Meşhur aktýor Saşa Baron Koeniň baş keşpde surata düşen «Borat» atly filminiň ikinjisi Ginnesiň rekordlar kitabyna adyny ýazdyrdy. «Borat 2» (Borat Subsequent Moviefilm: Delivery of Prodigious Bribe to American Regime for Make Benefit Once Glorious Nation of ...) kinosy Oskara dalaşgär görkezilen iň uzyn atly film hökmünde hasaba alyndy. Filmiň ady iňlis dilindäki harplaryň 110-syndan ybarat bolup, kino iň gowy adaptirlenen ssenariý hem-de ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýraklaryna dalaşgär görkezilipdi. Bu ugurda ozalky rekord 1965-nji ýylda surata düşürilen 85 harpdan ybarat bolan «Those Magnificent Men in Their Flying Machines or How I Flew from London to Paris in 25 Hours 11 Minutes» atly iňlis kinosyna degişlidi.




## 20-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** «Akyl – dost, ... – duşman, soňy – puşman» (nakyl). **2.** Miwe. **4.** Oglana dakylýan at. **5.** «Azajyk sözliniň göwni ... bolar» (nakyl). **6.** Türkiýe Respublikasynyň pul birligi. **8.** Bir zada höwes bildirmek, arzuw etmek. **9.** Hormatly, şöhratly. **11.** Tikin tikmek üçin bükdürilen inçejik ýüplük. **12.** Içine suwuklyk guýulýan, belli bir demir gurşawly agaç ýa-da gap. **16.** «... – haram» (nakyl). **18.** Bir zadyň ýüzüniň ters tarapy. **20.** Okara, jam. **21.** «Altyn başym dek bolsa, ... başym dik bolar» (nakyl). **22.** Hepdäniň bir güni.

● **KESELIGINE:** **1.** Gyza dakylýan at. **3.** Heýkeltaraşlyk we binagärlik işlerinde ulanylýan gymmatly gaty daş. **7.** «Gerçek ýigit ... ýanynda – kiçi, ulynyň ýanynda – welidir» (atalar sözi). **10.** «Dost – dost, mamla – ...» (nakyl). **11.** Aşhana guraly. **13.** Döwükýenjik bolmadyk. **14.** Ýurdumyzda bir welaýat. **15.** Egin- eşik. **16.** Birine ýa-da bir zada edilýän gözegçilik. **17.** Gawun önümi. **19.** Halk, adamlar. **23.** «Daýhan ekini söýer, ekin – ...» (nakyl). **24.** Ata Gowşudowyň bir romany. **25.** Hala, keçä salynýan nagyş.

**Nurjemal BEŞIMOWA,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

## 21-nji KROSSWORD



**Döwletgeldi ATABAÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

**DIKLIGINE:**

**1.** Ispaniýanyň futbol topary. **2.** Ýoldaş. **3.** Agaç ussasynyň iş guraly. **5.** Şahsyz mal. **6.** Özbaşdak, azat. **7.** Jaýyň öň tarapyndan oňa degrilip edilen üsti ýapyk açyk jaý . **8.** Dag goçy. **9.** Bir zadyň oý ýeri. **10.** Biçimi dogry gelýän. **12.** Puşman, arman. **13.** Satuw üçin, satlyk zähmet önümi. **14.** Gumda bitýän köpýyllyk ösümlik. **15.** «...ýetse nadana, özün urar her ýana» (nakyl). **17.** Ot, alaw. **24.** «Gyz bar nep getir, gyz bar ... getir» (nakyl). **26.** Geýim-gejim üçin dokalan önüm. **27.** Göze dakylýan enjam. **29.** «Tüsse siňen gök çaýyň ... bolýar lezzeti» (K.Gurbannepesow). **31.** Gum depesi, beýiklik. **33.** Garyşyk reňk. **34.** «... biş, agzyma düş» (nakyl). **36.** Tebigy bolmadyk. **37.** Gyza dakylýan at. **38.** Hamyla, ikigat. **39.** «... özün bag saýar, depe özün dag saýar» (nakyl). **40.** Topulyp ýapyşmak. **45.** Iki tutarly uly byçgy. **47.** Heniz per, ýelek çykarmadyk guş. **51.** Magtymguly Pyragynyň kakasy. **53.** «Giç ýatda, ir tur, ... pişegi artyk ur» (nakyl). **54.** Baharyň ilkinji aýy. **55.** «Ýigitler, bu dünýä şuňa mysaldyr, ... urar asmanda, baran eglenmez» (Magtymguly Pyragy). **56.** Döwlet nyşany hökmünde kabul edilen dabaraly aýdym. **58.** Ölçegden ýokary, öte. **61.** «... eli – em, dili – melhem» (nakyl). **62.** «... aýagy üç bolar, biri-birine güýç bolar, biri synsa hiç bolar» (nakyl). **63.** Russiýanyň futbol topary. **64.** Çöp-çalamdan edilýän küme. **65.** Latwiýanyň paýtagty. **66.** Wagt, çag. **67.** Sergezdan. **68.** Gaýgy, ünji. **69.** Remezan. **70.** «Bir çopan goluna degse bir ..., Çakmak daşy kylar, gadryn näbilsin» (Magtymguly Pyragy). **71.** «... görse, Hydyr azar» (nakyl). **72.** Fransiýada bir şäher. **73.** Ýaşaýyş jaýy, öý (köne söz). **74.** Gyzlaryň ýeňse çukurynda goýulýan çogdam saç. **75.** «Kişi ýerine agaç ekseň, birwagt ... sesini eşidersiň» (nakyl).

**KESELIGINE:**

**1.** Afrikada uly çöllük. **4.** Ýurdumyzda bir etrap. **8.** «... köpek gurt alar» (nakyl). **11.** Pähim, parasat. **16.** Ok-.... **18.** Sitrus miwe. **19.** Gyza dakylýan at. **20.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **21.** Keýik, jeren. **22.** Eliň iç ýüzi. **23.** Özüňden uly erkek dogan. **25.** Mal-mülk. **28.** «....-uludan, suw-kiçiden» (nakyl). **30.** Gawun önümi. **32.** Öri meýdanlarda mallary saklamak we çopan goş-golamlary üçin salynan jaý. **35.** «... mülküniň içinde jan turdy perwaz eýläp» (Magtymguly Pyragy). **41.** Aýakgabyň ýeňsesindäki gaty ýeri. **42.** Kakylyp çalynýan saz guraly. **43.** Demirgazyk Amerikada bir döwlet. **44.** Nyşanany urmaga ussat adam. **46.** Haşal ot. **48.** Aşhana guraly. **49.** «...daş, ýürek ýakyn» (nakyl). **50.** Okuw esbaby. **52.** Gymyldy-hereketi aňladýan söz topary. **57.** Düşelge, belli bir aralyk ýol. **58.** Belgi, nyşan. **59.** Gadyrgymmat, hormat. **60.** Geýim-gejimiň ýakasy. **62.** «Gün düşmedik ... öleňli, çeşmeli çaýlar görüner» (Magtymguly Pyragy). **64.** Günüň şöhlesi. **67.** «... alkyşy-altyn» (nakyl). **69.** «Ala garga ... gelmez, Çopan adam köpe bolmaz» (nakyl). **71.** Göroglynyň atynyň ady. **74.** «... kenar saga zardyr» (G.Ezizow). **76.** Köplük san goşulmasy. **77.** Gep. **78.** «Akja gelin, gamsyz başym, ... boldy neýläýin?» («Şasenem-Garyp»). **79.** «...-da urmasa, hazanda-da urmaz» (nakyl). **80.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **81.** «Duza düşen ... bolar» (nakyl). **82.** Çörek bişirýän adam (köne söz). **83.** Türkiýäniň Respublikasynyň paýtagty. **84.** Hormatly, gadyrly. **85.** «...bir söz besdir, akmaga müň söz hebesdir» (nakyl).

### 19-njy krosswordyň jogaby:



### 5-nji skanwordyň jogaby:






Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda nobatdaky tapgyryň iň esasy oýunlary:

3-nji aprel: «Milan»–«Sampdoriýa» (15:30), «Sassuolo»–«Roma» (18:00), «Borussiýa D»–«Aýntraht» (18:30), PSŽ–«Lill» (20:00), «Torino»–«Ýuwentus» (21:00), «Leipsig»–«Bawariýa» (21:30), «Lester»–«Man. Siti» (21:30), «Arsenal»–«Liwerpul» (00:00), «Lans»–«Lion» (00:00);
4-nji aprel: «Union Berlin»–«Herta» (21:00), «Sewilýa»–«Atletiko» (00:00).



# ÇEMPION TÄZE MÖWSÜME ÝEŇIŞ BILEN BAŞLADY

Formula 1 boýunça täze möwsümiň ilkinji ýaryşy Bahreýnde geçirildi. Çekeleşikli geçen ýaryşda soňky çempion, britaniýaly Lýuwis Hamilton («Mercedes») ýeňiş gazandy. Ol 56 aýlawy 1 sagat 32 minut 03,897 sekuntda tamamlap, täze möwsüme ýeňiş bilen başlady. Bu onuň karýerasyndaky 96-njy birinjiligi bolup, ol F1-e başlan 2007-nji ýyldan bäri her möwsümde azyndan bir ýeňiş gazanmak ýörelgesini dowam etdirdi. Ýaryşda ilkinji hatardan bat alan «Red Bull»-uň niderland sürüjisi Maks Werstappen 2-nji orny eýeledi. Ol bäsleşigiň tamamlanmagyna 4 aýlaw galanda, öňe saýlansa-da, bu üstünligini saklap bilmedi we Hamiltondan 0,745 sekunt soň pellehana geldi. Münberiň üçünjilik basgançagyna-da Hamiltonyň topardaşy, finlýandiýaly Waltteri Bottas çykdy.





Lýuwis Hamilton ýeňiş gazanan ýaryşynda rekord hem goýdy. Ol F1-iň taryhynda iň köp aýlawy öňde tamamlan pilot boldy. Bu ýaryşdan ozal rekord 5111 aýlaw bilen Mihael Şumahere degişlidi. Ýöne Bahreýn «Gran Prisinde» ýeňiş gazanan Hamilton bu rekordy 5126 aýlawa çykaryp, rekordyň täze eýesi boldy.

1960-njy ýyldan soň ilkinji gezek F1-e gatnaşan «Aston Martin» topary Lans Strolluň 10-njy bolmagy bilen utuk gazanmagy başardy. «Haas» toparynyň F1-de ilkinji gezek çykyş edýän sürüjilerinden Nikita Mazepin birinji aýlawda ýaryşdan çykdy. Rowaýaty sürüji Maýkl Şumaheriň ogly Mik Şumaher bolsa, F1-däki ilkinji bäsleşiginde 16-njy orny eýeledi. Üç ýyldan soň, F1-e dolanan ispaniýaly Fernando Alonso («Alpine»), Nikolas Latifi («Williams») hem-de Pierr Gasli («Alpha Tauri») ýaryşy tamamlap bilmediler. Möwsümiň nobatdaky bäsleşigi 18-nji aprelde Italiýanyň Imolo şäherinde geçiriler.

# Winýales öňe saýlandy

**Moto GP boýunça täze möwsümiň ilkinji bäsleşigi Kataryň Losail şäherinde geçirildi. Şäheriň adybir trassasynda geçirilen 22 aýlawlyk ýaryşda 3-nji hatardan bat alan «Monster Energy Yamaha» toparynyň sürüjisi Mawerik Winýales ýeňiji boldy. Ol pellehana 42 minut 28,6 sekuntda gelip, karýerasyndaky 9-njy ýeňşini gazandy. Ondan 1,092 sekunt gijä galan fransiýanyň Ýohann Zarko («Pramac») 2-nji, italiýaly Françesko Banaiýa («Ducati Lenovo») 3-nji ýeri eýeledi. Möwsümiň 2-nji ýaryşy 4-nji aprelde ýene-de Kataryň Losial şäherinde geçiriler.**




# Bir sözlemde...

- NBA-da «Bruklin Nets» topary ýene bir «All Star» ýyldyzyny – «San Antonio Sparsdan» 35 ýaşly LaMarkus Aldriji düzümine goşdy we ol topardaky Kewin Durant, Kaýri Irwing, Jeýms Harden hem-de Bleýk Griffinden soň 5-nji ýyldyz basketbolçy boldy.
- «Altyn çaga» lakamly, 2000-nji ýyllarda uly meşhurlyk gazanan 48 ýaşyndaky amerikaly boksçy Oskar de la Hoýa 13 ýyldan soň, täzeden boksa dolanjakdygyny habar berdi we onuň 3-nji iýulda Los Anjelesde Floýd Meýwezer bilen ringe çykmagyna garaşylýar.
- NBA-da «San Antonio Spars» toparynyň «Çikago Bullsy» 120:104 hasap bilen ýeňen oýnunda üstün çykan klubuň tälimçisi Gregg Popowiç karýerasyndaky 1300-nji ýeňşini gazandy we NBA-da Lenni Wilkens (1332) we Don Nelsondan (1335) soň muny başaran 3-nji tälimçi boldy.
- NBA-da soňky çempion «Los Anjeles Leýkers» topary «Kliwlend Kawaliers» bilen şertnamasyny ýatyran piwot basketbolçy Andre Drummondy düzümine goşdy.
- Woleýbol boýunça zenanlaryň arasynda CEV Ýewropa Çempionlar ligasynyň finalynda, 1-nji maýda Türkiýäniň «Wakyfbank» topary bilen Italiýanyň «Imoko Wolleý» kluby duşuşar.
- Russiýanyň futbol çempionaty «Premýer liganyň» wekili «SSKA Moskwa» topary Wiktor Gonçarenkonyň ornuna ozalky oýunçylaryndan horwatiýaly Iwisa Oliçi resmi ýagdaýda tälimçilige belläp, 41 ýaşyndaky hünärmen 15 ýyldan soň kluba dolandy.

# Figuralaýyn typmak boýunça Dünýä çempionaty tamamlandy

Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda figuralaýyn typmak boýunça 111-nji Dünýä çempionaty geçirildi. Çempionat dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar sebäpli geçen ýyl geçirilmändi. Çempionatda 4 ugur boýunça geçirilen ýaryşlarda russiýaly türgenler öňe saýlandylar.

Erkekleriň arasynda amerikaly Natan Çen ýeňiş gazandy. Ol gysga programmada ýaponiýaly türgenlerden soň 3-nji ýeri eýelese-de, erkin typmakda has şowly çykyş etdi we altyn medala mynasyp boldy. Bu onuň yzly-yzyna gazanan 3-nji altyn medalydyr. Erkekleriň arasynda ýaponiýaly Ýuma Kagiýama 2-nji, Ýuzuru Hanýu 3-nji ýeri eýeledi.

Gyzlaryň arasynda münberiň üç basgançagyna-da russiýaly türgenler çykmagy başardylar. Gysga programmada 1-nji, erkin typmakda 2-nji ýeri eýelän Anna Şerbakowa umumylykda altyn medaly eýeledi. Ol bu ugurda 2015-nji ýylyň çempiony Ýelizaweta Tuktamyşewadan hem-de Aleksandra Trusowadan öňe saýlandy. Gysga programmada 12-nji ýeri eýelän 16 ýaşyndaky Trusowa erkin typmakda iň köp utugy aldy. Ýöne muňa garamazdan, ýaş türgen umumylykda 3-nji orny eýelemegi başardy. Ol soňky 30 ýylda gysga programmada 12-nji bolup, umumylykda 3-nji ýeri eýelän ilkinji türgen boldy.

Jübütleriň arasyndaky bäsleşiklerde russiýaly Anastasiýa Mişina bilen Aleksandr Galliamow ikisi 151,80 utuk bilen altyn medal gazandy. Olar bu ugurda iki bäsleşikde-de (gysga programma, erkin typmak) 2-nji ýeri eýelän 2017-nji we 2019-njy ýyllaryň çempionlary – hytaýly Sui Wenžin bilen Han Çon ikisinden hem-de russiýaly Aleksandra Boikowa bilen Dmitriý Kozlowskiý ikisinden öňe saýlandy. Aleksandra Boikowa bilen Dmitriý Kozlowskiý ikisi gysga programmada 1-nji, erkin typmakda-da 4-nji ýeri eýelediler.



Anastasiýa Mişina, Aleksandr Galliamow

Buzda tans etmek ýaryşynda russiýaly Wiktoriýa Sinisina bilen Nikita Kasalapow ikisi altyn medala mynasyp boldy. Olar iki bäsleşikde-de – ritm-tans hem-de erkin tans ýaryşlarynda öňe saýlandylar. Sinisina bilen Kasalapow ikisi figuralaýyn typmagyň buzda tans görnüşinde soňky 12 ýylda altyn medal alan ilkinji russiýaly türgenler boldy. Amerikaly Madison Hubbel bilen Zaçari Donohue ikisi 2018-nji ýyldan soň 2-nji gezek kümüş medala mynasyp bolup, olar 2019-njy ýyldaky ýaryşda 3-nji ýeri eýeläpdiler. Bu bäsleşikde münberiň üçünji basgançagyna-da kanadaly Piper Žill bilen Pol Poirie ikisi çykmagy başardy.



Wiktoriýa Sinisina, Nikita Kasalapow

Figuralaýyn typmak boýunça geljekki nobatdaky çempionat Fransiýanyň Monpelie şäherinde geçiriler.



Anna Şerbakowa



Natan Çen



# BU GEZEK WAÝT ÜSTÜN ÇYKDY

**Gibraltar döwletinde geçirilen boks agşamynda agyr agramyň WBC çempionlyk guşagy ugrunda britaniýaly Dillian Waýt bilen russiýaly Aleksandr Powetkin duşuşdy. Bu olaryň arasyndaky ikinji tutluşyk bolup, geçen ýylyň awgust aýyndaky duşuşykda Powetkin 5-nji raundda nokaut bilen ýeňiş gazanypdy. Ýöne bu gezekki tutluşykda 32 ýaşyndaky Waýt 4-nji raundda güýçli urgulardan soň Powetkini nokaut etmegi başardy. Şeýlelikde, Waýt WBC-niň agyr agram boýunça wagtlaýyn çempiony boldy. Bu onuň 30-njy duşuşygyndaky 28-nji ýeňşidir (19-njy nokaudy). 41 ýaşyndaky Powetkin bolsa, 40-njy duşuşygynda 3-nji sapar ýeňlişe sezewar boldy. Onuň 25-si nokaut bilen jemi 36 ýeňşi bar.**

# NBA-nyň taryhynda ilkinji gezek

NBA-da «Waşington Wizards» topary öz meýdançasynda «Indiana Peýsersi» 132:124 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Rassel Westbruk taryhy netijeler görkezdi. «Triple-double» netije görkezmekde öňe saýlanýan Westbruk bu duşuşykda 35 utuk, 21 asist hem-de 14 ribaundlyk görkezijiler bilen çykyş etdi. Şeýlelikde, 32 ýaşyndaky basketbolçy NBA-nyň taryhynda bir duşuşykda 35 utuk we 20 asistden ýokary netije görkezen ilkinji oýunçy boldy. Bir möwsümde iň köp «triple-double» etmekde rekordyň eýesi bolan Westbruk şu möwsümde 13-nji gezek 3 görkeziji boýunça-da iki sifrli sanlara ýetmegi başardy.



# Mongoliýa–Ýaponiýa: 0-14

Futbol boýunça Katar 2022 Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň Aziýa zolagynda «F» toparçada Ýaponiýanyň ýygyndysy Mongoliýanyň ýygyndysyny 14–0 hasabynda ýeňdi. Aslynda Mongoliýada geçirilmeli oýun Ýaponiýanyň Çiba şäherinde oýnaldy. Duşuşygyň gollaryny Minamino (13), Ýuýo Osaka (23, 55, 90+2), Kamada (26), Morita (33), Tuýa (39, ö.d.), Inagaki (68, 90+3), Ito (73, 79), Furuhaşi (78, 87) hem-de Asano (90+1) geçirdi. 5 oýunda gol geçirtmedik Ýaponiýanyň ýygyndysy 27 pökgini garşydaşlarynyň derwezesinden girizdi. Ýaponlar şol 27 goluň 20-sini mongollaryň derwezesinden geçirdi. Ýaponiýanyň ýygyndysy birinji oýunda Mongoliýany 6–0 hasabynda ýeňipdi.



# Ispaniýa 66 oýundan bäri ýeňilmän gelýär, Germaniýanyň taryhdaky 3-nji ýeňlişi

EUROPEAN QUALIFIERS

**Geljek ýylyň noýabr-dekabr aýlarynda Katarda geçiriljek futbol boýunça Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň çäklerinde Ýewropa zolagynyň duşuşyklaryna badalga berildi. Toparlar bir hepdäniň dowamynda 3 duşuşyk geçirdiler. Italiýanyň, Angliýanyň, Daniýanyň hem-de Ermenistanyň ýygyndylary geçiren 3 duşuşygynda-da ýeňiş gazanan toparlar boldy. Oýnalan 69 oýunda diňe 2 duşuşykda gol hasaba alynmady. 2 oýun 8-0, 1 duşuşyk 7-0 hasaplar bilen tamamlandy.**



Fransiýa—Ukraina: 1-1



Angliýa—Polşa: 2–1



Germaniýa—Demirgazyk Makedoniýa: 1–2

### REKORDA BIR ÄDIM GOLAÝLADY

«A» toparçada Portugaliýanyň ýygyndysy geçiren 3 oýnunda 7 utuk toplady. Azerbaýjany 1–0 ýeňen portugallar Serbiýa bilen 2–2 deňme-deň oýnadylar. Ronaldonyň hem bir gol geçiren oýnunda Portugaliýanyň ýygyndysy myhmançylykda Lýuksemburgy 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Milli ýygyndydaky gollarynyň sanyny 103-e ýetiren Ronaldo bu ugurda Ali Daeiniň rekordyna (109) bir ädim golaýlady.

### SOŇKY GEZEK 1993-nji ÝYLDA UTULDY

«B» toparçada Ispaniýanyň ýygyndysy Gresiýa bilen deňme-deň oýnady. Soňra Gruziýadyr Kosowony degişlilikde 2-1 we 3-1 hasaplar bilen ýeňen Ispaniýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda 66 oýundan bäri ýeňilmän gelýär (52 ýeňiş, 14 deňlik). Olar soňky gezek 1993-nji ýylda Daniýadan asgyn gelipdiler.



Gruziýa—Ispaniýa: 1–2

### REKORDA 5 OÝUN GALDY

«C» toparçada Italiýanyň ýygyndysy Roberto Mançininiň tälimçiliginde şowly çykyşyny dowam edýär. Italýanlar 3 duşuşygynda 2–0 hasap bilen ýeňiş gazandy. Mançininiň tälimçiliginde soňky 25 oýnunda ýeňilmän gelýän Italiýanyň ýygyndysy D. Irlandiýanyň (Berardi 14, Immobile 39), Bolgariýanyň (Belotti 43 p, Lokatelli 83) hem-de Litwanyň (Sensi 48, Immobile 90+4 p) derwezelerinden jogapsyz 2 gol geçirdi. Mançini bu ugurda Marçelo Lippiniň (2004–2006) gazanan görkezen netijesini gaýtalady. Rekord 30 oýun bilen Wittorio Pozzo degişli (1935–1939).



Bolgariýa—Italiýa: 0–2

### 3 OÝUNDA-DA DEŇME-DEŇLIK

«D» toparçada Ukraina bilen deňme-deň oýnan Dünýä Kubogynyň soňky eýesi Fransiýa myhmançylykda Gazagystany 2–0 (Dembele 19, Malýi 44 ö.d.) hem-de Bosniýany 1–0 (Grizmann 60) ýeňdi. Şewçenkonyň tälimçiligindäki ukrainler 3 duşuşygyny hem deňme-deň oýnadylar.

«E» toparçada Belgiýa ilki Uelsi 3–1 ýeňip, soňra myhmançylykda Çehiýa bilen utuklary paýlaşdylar (1–1). Bürünç medalyň eýesi 3-nji duşuşygynda Belarusuň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 8 pökgi girizdi. Duşuşykda Wanakan bilen Trossard 2 gezek tapawutlandy. Şeýle-de, Çehiýanyň ýygyndysy 1-nji duşuşygynda myhmançylykda Estoniýadan 6–2 üstün çykdy. Oýunda Souçek het-trik etdi. Çehler soňky duşuşygynda Uelsden 1–0 asgyn geldi.

### 3 OÝUNDA 12 GOL GEÇIRDI

«F» toparçada Daniýanyň ýygyndysy 3 duşuşygynda gol geçirtmezden 14 pökgini garşydaşlarynyň derwezesinden girizdi. Olar Ysraýyly 2–0 utanyndan soň, taryhyndaky iň uly tapawutly ýeňişleriň birini gazandylar. Moldowany 8–0 ýeňen Daniýanyň ýygyndysy myhmançylykda Awstriýanyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi.



Awstriýa—Daniýa: 0–4

### TÜRKIÝE ŞOWLY BAŞLADY

«G» toparçada Türkiýe öz meýdançasynda Niderlandlar bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleri 4–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda türkiýeli hüjümçi Burak Ýylmaz het-trik etmegi başardy. Türkler 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Norwegiýa 3–0 ýeňdi. Niderlandlar soňky 2 duşuşygynda ilki Latwiýany 2–0, soňra bolsa, myhmançylykda Depaýyň 2 gezek tapawutlanan oýnunda Gibraltary 7–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Niderland hüjümçi Luuk de Ýong toparynyň her duşuşygynda 1 gol geçirmegi başardy.



Türkiýe—Niderlandlar: 4–2

«H» toparçada 3 duşuşygynda ýeňiş gazanan bolman, Russiýa myhmançylykda Maltany 3–1, öz meýdançasynda-da Sloweniýany 2–1 ýeňeninden soň, myhmançylykda Slowakiýadan 2–1 asgyn geldi. Duşuşyklarda Dzýuba 3, Fernandeş 2 gol geçirdi. Sloweniýadan utulan horwatlar hem Kipri 1–0, Maltany 3–0 hasabynda utdy.

### IŇLISLER SÄWLIK GOÝBERMEDI

«I» toparçada San Marinony 5–0 utup, saýlama oýunlaryna ýeňişli başlan Angliýa Albaniýany Keýn we Mountyň gollary bilen 2–0 ýeňdi. Tapgyryň merkezi oýnunda-da Polşany soňky minutlarda Maguaýryň geçiren goly bilen 2–1 hasabynda ýeňen iňlisler 3 duşuşygy ýitgisiz tamamladylar.

### TARYHYNDA 3-nji SAPAR ÝEŇILDI

«J» toparçada garaşylmadyk netijeler hasaba alyndy. Ýewropa çempionatyndan soň milli ýygyndydaky tälimçiligini taşlajakdygyny habar beren Germaniýanyň tälimçisi Ýoahim Löwüň şägirtleri Islandiýany 3–0 utup, saýlama tapgyryna ýeňiş bilen başlady. Soňra Rumyniýany Gnabriniň ýeke-täk goly bilen ýeňen nemesler öz meýdançasynda Demirgazyk Makedoniýadan 2–1 asgyn geldi. Olar Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda soňky gezek 2001-nji ýylda ýeňlipdiler. Bu olaryň Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň taryhyndaky 3-nji ýeňlişi bolup, Germaniýanyň ýygyndysy mundan ozal, 1985-nji ýylda Portugaliýadan 1–0, 2001-nji ýylda-da Angliýadan 5–1 utulypdy.

### ERMENISTANDAN TARYHY BAŞLANGYÇ

«J» toparçada 3 oýunda 9 utuk toplan Ermenistanyň ýygyndysy birinji orunda barýar. Olar Lihtenşteýni 1–0, Islandiýany 2–0, Rumyniýany-da soňky minutlarda geçiren 2 goly bilen 3–2 hasabynda ýeňdi.

Katar 2022 Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň Ýewropa zolagynda nobatdaky duşuşyklar sentýabr aýynda oýnalar.

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 3 | 2 | 1 | 0 | 6-3 | 7 |
| 2 | SERBIÝA | 3 | 2 | 1 | 0 | 7-5 | 7 |
| 3 | LÝUKSEMBURG | 2 | 1 | 0 | 1 | 2-3 | 3 |
| 4 | IRLANDIÝA | 2 | 0 | 0 | 2 | 2-4 | 0 |
| 5 | AZERBAÝJAN | 2 | 0 | 0 | 2 | 1-3 | 0 |

Portugaliýa—Azerbaýjan: 1-0, Serbiýa—Irlandiýa: 3-2; Irlandiýa—Lýuksemburg: 0-1, Serbiýa—Portugaliýa: 2-2; Azerbaýjan—Serbiýa: 1-2, Lýuksemburg—Portugaliýa: 1-3

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ISPANIÝA | 3 | 2 | 1 | 0 | 6-3 | 7 |
| 2 | ŞWESIÝA | 2 | 2 | 0 | 0 | 4-0 | 6 |
| 3 | GRESIÝA | 2 | 0 | 2 | 0 | 2-2 | 2 |
| 4 | GRUZIÝA | 3 | 0 | 1 | 2 | 2-4 | 1 |
| 5 | KOSOWO | 2 | 0 | 0 | 2 | 1-6 | 0 |

Ispaniýa—Gresiýa: 1-1, Şwesiýa—Gruziýa: 1-0; Gruziýa—Ispaniýa: 1-2, Kosowo—Şwesiýa: 0-3; Gresiýa—Gruziýa: 1-1, Ispaniýa—Kosowo: 3-1

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ITALIÝA | 3 | 3 | 0 | 0 | 6-0 | 9 |
| 2 | ŞWEÝSARIÝA | 2 | 2 | 0 | 0 | 4-1 | 6 |
| 3 | D. IRLANDIÝA | 2 | 0 | 1 | 1 | 0-2 | 1 |
| 4 | BOLGARIÝA | 3 | 0 | 1 | 2 | 1-5 | 1 |
| 5 | LITWA | 2 | 0 | 0 | 2 | 0-3 | 0 |

Bolgariýa—Şweýsariýa: 1-3, Italiýa—D. Irlandiýa: 2-0; Bolgariýa—Italiýa: 0-2, Şweýsariýa—Litwa: 1-0; Litwa—Italiýa: 0-2, D. Irlandiýa—Bolgariýa: 0-0

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FRANSIÝA | 3 | 2 | 1 | 0 | 4-1 | 7 |
| 2 | UKRAINA | 3 | 0 | 3 | 0 | 3-3 | 3 |
| 3 | FINLÝANDIÝA | 2 | 0 | 2 | 0 | 3-3 | 2 |
| 4 | BOSNIÝA WE GER. | 2 | 0 | 1 | 1 | 2-3 | 1 |
| 5 | GAZAGYSTAN | 2 | 0 | 1 | 1 | 1-3 | 1 |

Finlýandiýa—Bosniýa: 2-2, Fransiýa—Ukraina: 1-1; Gazagystan—Fransiýa: 0-2, Ukraina—Finlýandiýa: 1-1; Bosniýa—Fransiýa: 0-1, Ukraina—Gazagystan: 1-1

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BELGIÝA | 3 | 2 | 1 | 0 | 12-2 | 7 |
| 2 | ÇEHIÝA | 3 | 1 | 1 | 1 | 7-4 | 4 |
| 3 | UELS | 2 | 1 | 0 | 1 | 2-3 | 3 |
| 4 | BELARUS | 2 | 1 | 0 | 1 | 4-10 | 3 |
| 5 | ESTONIÝA | 2 | 0 | 0 | 2 | 4-10 | 0 |

Belgiýa—Uels: 3-1, Estoniýa—Çehiýa: 2-6; Belarus—Estoniýa: 4-2, Çehiýa—Belgiýa: 1-1; Belgiýa—Belarus: 8-0, Uels—Çehiýa: 1-0

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | DANIÝA | 3 | 3 | 0 | 0 | 14-0 | 9 |
| 2 | ŞOTLANDIÝA | 3 | 1 | 2 | 0 | 7-3 | 5 |
| 3 | YSRAÝYL | 3 | 1 | 1 | 1 | 5-4 | 4 |
| 4 | AWSTRIÝA | 3 | 1 | 1 | 1 | 5-7 | 4 |
| 5 | FARER ADA. | 3 | 0 | 1 | 2 | 2-8 | 1 |
| 6 | MOLDOWA | 3 | 0 | 1 | 2 | 2-13 | 1 |

Ysraýyl—Daniýa: 0-2, Moldowa—Farer adalary: 1-1, Şotlandiýa—Awstriýa: 2-2; Daniýa—Moldowa: 8-0, Awstriýa—Farer adalary: 3-1, Ysraýyl—Şotlandiýa: 1-1; Awstriýa—Daniýa: 0-4, Moldowa—Ysraýyl: 1-4, Şotlandiýa—Farer adalary: 4-0

| Or. | «G« | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TÜRKIÝE | 3 | 2 | 1 | 0 | 10-5 | 7 |
| 2 | NIDERLANDLAR | 3 | 2 | 0 | 1 | 11-4 | 6 |
| 3 | GARADAG | 3 | 2 | 0 | 1 | 6-3 | 6 |
| 4 | NORWEGIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 4-3 | 6 |
| 5 | LATWIÝA | 3 | 0 | 1 | 2 | 4-7 | 1 |
| 6 | GIBRALTAR | 3 | 0 | 0 | 3 | 1-14 | 0 |

Türkiýe—Niderlandlar: 4-2, Gibraltar—Norwegiýa: 0-3, Latwiýa—Garadag: 1-2; Niderlandlar—Latwiýa: 2-0, Garadag—Gibraltar: 4-1, Norwegiýa—Türkiýe: 0-3; Gibraltar—Niderlandlar: 0-7, Garadag—Norwegiýa: 0-1, Türkiýe—Latwiýa: 3-3

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | HORWATIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 4-1 | 6 |
| 2 | RUSSIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 6-4 | 6 |
| 3 | SLOWAKIÝA | 3 | 1 | 2 | 0 | 4-3 | 5 |
| 4 | KIPR | 3 | 1 | 1 | 1 | 1-1 | 4 |
| 5 | SLOWENIÝA | 3 | 1 | 0 | 2 | 2-3 | 3 |
| 6 | MALTA | 3 | 0 | 1 | 2 | 3-8 | 1 |

Kipr—Slowakiýa: 0-0, Malta—Russiýa: 1-3, Sloweniýa—Horwatiýa: 1-0; Russiýa—Sloweniýa: 2-1, Horwatiýa—Kipr: 1-0, Slowakiýa—Malta: 2-2; Kipr—Sloweniýa: 1-0, Horwatiýa—Malta: 3-0, Slowakiýa—Russiýa: 2-1

| Or. | «I» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ANGLIÝA | 3 | 3 | 0 | 0 | 9-1 | 9 |
| 2 | WENGRIÝA | 3 | 2 | 1 | 0 | 10-4 | 7 |
| 3 | ALBANIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 3-2 | 6 |
| 4 | POLŞA | 3 | 1 | 1 | 1 | 7-5 | 4 |
| 5 | ANDORRA | 3 | 0 | 0 | 3 | 1-8 | 0 |
| 6 | SAN MARINO | 3 | 0 | 0 | 3 | 0-10 | 0 |

Andorra—Albaniýa: 0-1, Angliýa—San Marino: 5-0, Wengriýa—Polşa: 3-3; Albaniýa—Angliýa: 0-2, Polşa-Andorra: 3-0, San Marino—Wengriýa: 0-3; Andorra—Wengriýa: 1-4, Angliýa—Polşa: 2-1, San Marino—Albaniýa: 0-2

| Or. | «J» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ERMENISTAN | 3 | 3 | 0 | 0 | 6-2 | 9 |
| 2 | D. MAKEDONIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 9-4 | 6 |
| 3 | GERMANIÝA | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-2 | 6 |
| 4 | RUMYNIÝA | 3 | 1 | 0 | 2 | 5-6 | 3 |
| 5 | ISLANDIÝA | 3 | 1 | 0 | 2 | 4-6 | 3 |
| 6 | LIHTENŞTEÝN | 3 | 0 | 0 | 3 | 1-10 | 0 |

Germaniýa—Islandiýa: 3-0, Lihtenşteýn—Ermenistan: 0-1, Rumyniýa—D. Makedoniýa: 3-2; Ermenistan—Islandiýa: 2-0, D. Makedoniýa—Lihtenşteýn: 5-0, Rumyniýa—Germaniýa: 0-1; Ermenistan—Rumyniýa: 3-2, Germaniýa—D. Makedoniýa: 1-2, Lihtenşteýn—Islandiýa: 1-4

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.










## Hormatly müşderiler!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky 2021-nji ýylyň 10-njy martyndan başlap «Altyn asyr», şol sanda «Maşgala» bank kartlaryny saklaýjy müşderilerine söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl görnüşinde geçirilen her bir amalyň möçberinden berilýän «Cash back» pul sylagyny **2** göterim möçberinde ýokarlandyrandygyny habar berýär.

Pul sylagy her aýyň soňundan, gelýän aýyň 5-ine çenli müşderilerimiziň bank kart hasaplaryna geçirilýär.

«Cash back» hyzmatynyň düzgünleri bilen bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasy arkaly tanşyp bilersiňiz.

**Hormatly müşderiler!** Nagt däl hasaplaşyklaryň ähli amatlyklaryndan peýdalanyň!

**Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: 44-03-04**
**Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynda ýerleşdirilen.**




## HORMATLY MÜŞDERILER!

Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik banky Aşgabat şäheriniň döredilmeginiň 140 ýyllygy mynasybetli bankyň «Altyn asyr», «Goýum bank karty» we «Maşgala» bank kartlaryny saklaýjy müşderilerine 2021-nji ýylyň 1-nji martyndan 31-nji maýyna çenli söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl görnüşinde hasaplaşyklar geçirilende, her bir geçirilen amalyň möçberinden «Cash back» höweslendiriş pul sylagy hökmünde **2** göterim yzyna gaýtarylyp berilýändigini habar berýär.

Hormatly raýatlar! **«Cash back»** hyzmatynyň düzgünleri bilen bankymyzyň resmi ***www.tbbank.gov.tm*** internet sahypasy arkaly tanşyp bilersiňiz.

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**
**(+993 12) 44-70-37, 44-71-72.**




## ELEKTRON ABUNA BOLMAGYŇ ÝEŇILLIKLERI

- HEPDELIK GAZETIŇ ELEKTRON NUSGASYNY ÝÜKLÄP ALYŇ!
- EL TELEFONLARYŇYZ ARKALY ISLENDIK ÝERDE TÄZELIKLERDEN HABARLY BOLUŇ!
- ÖSÜMLIK WE HAÝWANAT DÜNÝÄSI BARADAKY KITAPÇALARY ÝÜKLÄP ALYŇ!
- KROSSWORD, SKANWORD WE BEÝLEKI GÜÝMENJE KITAPÇALARYNY ÝÜKLÄP ALYŇ!
- ÇAGALAR ÜÇIN OÝNAWAÇLAR WE OÝUNLAR BARADAKY KITAPÇALAR SIZE GARAŞÝAR!

GAZETIŇ MOBIL GOŞUNDYSYNY
Google Play | App Store
HEM-DE ZAMANTURKMENISTAN.COM.TM SAÝTYNDAN ALYP BILERSIŇIZ!